# Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin MAKSATNAMASY



# Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin

# MAKSATNAMASY

22828

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2019

TDMaI
Kitaphana
№ ______



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## Giriş

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe **Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň** beýik başlangyçlarynyň we taýsyz tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzyň ykdysadyýetini pudaklaýyn diwersifikasiýalaşdyrmak, ykdysady ösüşiň köpugurlylygyny gazanmak babatynda düýpli öňegidişlikler gazanylýar. Milli ykdysadyýetimizi köpugurly esasda ösdürmegiň halkara we sebit ähmiýetli taslamalaryny amala aşyrmak arkaly durnukly ösüş depginlerini saklamak esasy wezipeleriň biri bolup, bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçilýän döwürde, ykdysady bähbitleri artdyrmak meselelerinde aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Ýurdumyz jemi içerki önümiň ösüş depgini boýunça dünýä ýurtlarynyň arasynda öňdäki orunlary saklap gelýär. Türkmenistanda alnyp barylýan işjeň maýa goýum syýasatynyň netijesinde ýüzlerçe önümçilik desgalary we durmuş-medeni maksatly binalar gurlup, ulanmaga berilýär. Bular ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň yzygiderli berkemegini häsiýetlendirýän wajyp görkezijiler bolup durýar.

«Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» (mundan beýläk – Maksatnama) «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» düzüm bölegi bolup, onda ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we ösüşiň senagat-innowasiýa ugruna yzygiderli geçmek arkaly durnukly we deňagramly ösdürmäge gönükdirilen Türkmenistanyň orta möhletli geljek üçin döwlet ykdysady syýasatynyň esasy ýörelgeleri we gurallary kesgitlenilýär. Maksatnama boýunça maksatlaýyn görkezijileri durmuşa geçirmek we Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan goýlan wezipeleri amala aşyrmak üçin ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynda şu aşakdaky işler amala aşyrylar.

## Ykdysady ulgam

Türkmenistanyň Prezidentiniň öňde goýýan strategik wezipelerine laýyklykda, bu döwrüň ykdysady syýasaty ýokary depginli ösüşi goldamakda, ony mundan beýläk hem diwersifikasiýalaşdyrmakda, ähli pudaklary iri möçberli taslamalara

maýa goýumlary goýmagyň hasabyna güýçli depginde ösdürmekde jemlenýär. Kiçi we orta telekeçiligiň işjeňliginiň höweslendirilmegine, döwlet-hususy hyzmatdaşlygyň berkemegine, ykdysady ulgamyň ösdürilmegine uly üns berler. Türkmenistanyň ykdysady syýasaty ýaşaýyş-durmuş meseleleriniň çözülmegine gönükdiriler.

2019–2025-nji ýyllarda ýurduň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini saklamak maksady bilen, ykdysady ösüşiň esasy ugurlaryny çalt depginler bilen ösdürmegiň ähli makroykdysady şertleri dörediler. Bu döwürde ykdysadyýetiň depginli ösüşini dowam etdirmek üçin jemi içerki önümiň (mundan beýläk – JIÖ) ýokary ösüş depginini üpjün etmek göz öňünde tutulýar.

Geljekki döwrüň ykdysady syýasatynyň maksady makroykdysady we maliýe durnuklylygynyň saklanyp galynmagynda ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak arkaly onuň durnukly we deňeçer ösüşini üpjün etmekden ybarat bolar. Durnukly ösüşi saklap galmak ykdysadyýetiň, durmuş ulgamynyň we daşky gurşawyň özara hereket etmeginde sazlaşykly ösüşi üpjün etmek ýörelgeleriniň esasynda amala aşyrylar. Şu döwürde köpugurly, kämil bazar ykdysadyýetini we oňa mahsus bolan institutlary emele getirmek, senagatyň gaýtadan işleýän pudaklaryny köpeltmek, gurluş özgertmelerini işjeňleşdirmek, hususy telekeçiligi giňeltmek işleri dowam etdiriler. Ylmyň we tehnikanyň gazananlarynyň giňden ornaşdyrylmagy, ekologiýa taýdan arassa önümçilikleriň döredilmegi, goşulyşma ýagdaýlarynyň çaltlandyrylmagy, çäkleriň we ilatly ýerleriň deňeçer ösdürilmegi üpjün ediler.

Ykdysady syýasatyň yglan edilen strategik ugruny üstünlikli durmuşa geçirmegiň ileri tutulýan ugry önümleri eksporta niýetlenen, ýokary tehnologik önümleri öndürýän, şol sanda dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary bilen hyzmatdaşlykda işleýän düýpgöter täze önümçilikleri, kärhanalary we pudaklary döretmekden ybaratdyr. Şu maksatlarda ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň maýa goýumçylary üçin amatly işewürlik ýagdaýyny döretmek boýunça çäreler geçiriler, bu bolsa ykdysadyýetde gurluş özgertmelerini geçirmäge, goşulan gymmaty ýokary bolan bäsdeşlige ukyply önümleriň çykarylyşyny artdyrmaga, kärhanalaryň, raýatlaryň we döwletiň girdejilerini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.

2019–2025-nji ýyllarda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň we durmuş ulgamynyň ösüşi soňky ýedi ýylda gazanylan üstünliklere esaslanyp alnyp barlar, hususan-da, ýurduň önümçilik-ykdysady kuwwatyny has-da berkitmek we döwrebaplaşdyrmak, ykdysadyýeti düzümleýin diwersifikasiýalaşdyrmagy dowam etdirmek, kanunçylyk we senagat binýadyny kämilleşdirmek, adam maýasynyň we durmuş gurşawynyň hilini ýokarlandyrmak babatynda işler amala aşyrylar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça

2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasyny» amala aşyrmak dowam etdiriler. Oba hojalyk önümleriniň möçberiniň durnukly artmagynyň hasabyna çig mal binýady döredilер we obalarda täze, amatly tehnologiýalara esaslanýan enjamlar bilen üpjün edilen häzirki zaman gaýtadan işläp çykarýan kärhanalaryny döretmek üçin giň mümkinçilikler emele geler. Durmuş ulgamynyň pudaklary, ylym, telekeçilik mundan beýläk-de ösdüriler.

Ykdysady ösüş, esasan, önümçilik pudaklarynyň depginli ösdürilmeginiň hasabyna gazanylar hem-de geljekde ösüşiň esasyny senagat pudagy we hyzmatlar ulgamy düzer.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki milli Maksatnamasynyň» amala aşyrylmagy ähli sebitlerde döwrebap durmuş-medeni maksatly binalaryň gurulmagyna we inženerçilik ulgamlary bilen üpjün edilmegine mümkinçilikleri berer.

Maýa goýum syýasaty 2019–2025-nji ýyllarda ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryna ýerli we göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegini höweslendirmek, döwlet maýa goýumlaryny rejeli ulanmak, onuň netijeliligini ýokarlandyrmak we içerki süýşürintgileri jemlemek, ýurduň ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynyň mümkinçiliklerini artdyrmak arkaly dowam etdiriler.

Adam maýasyny ösdürmek ýurdy ösdürmegiň orta möhletli strategiýasynyň has ileri tutulýan ugry hökmünde bolmagynda galar.

Döwletiň nyrh syýasaty makroykdysady kadalaşdyryjy gural hökmünde ýakyn ýyllarda şu aşakdaky işlere gönükdiriler:

1) bazar gatnaşyklaryny we bäsleşikli gurşawy goldamak;

2) nyrhlaryň durmuş goldawyna gönükdirilen syýasatyny alyp barmak;

3) nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän harytlaryň, önümleriň hem-de hyzmatlaryň sanawyny kämilleşdirmek.

Maksatnamalaýyn meýilleşdirilýän döwürde ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň», ýurdumyzyň ykdysadyýetiň pudaklaryny hem-de welaýatlaryny ösdürmegiň maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi barada hasabatlary taýýarlamak we seljermek, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň agza ýurtlary tarapyndan kabul edilen Durnukly Ösüş Maksatlarynyň we onuň görkezijileriniň ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylmagy boýunça çäreleri alyp barmak we utgaşdyrmak hem-de ylmy taýdan esaslandyrylan ykdysady seljermeleri geçirmek we milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň çaklamalaryny we maksatnamalaryny düzmäge gatnaşmak boýunça işler alnyp barlar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ykdysdyýeti töwekgelçiliklerden goramak agentligi tarapyndan milli ykdysadyýetde aýry-aýry ýagdaýlar bilen baglanyşykly döräp biljek syýasy, ykdysady, maliýe, hukuk, pudaklaýyn, sebitleýin we tebigy töwekgelçilikleri seljermek hem-de dolandyrmak boýunça işleri durmuşa geçirmäge ýardam bermek boýunça çäreler durmuşa geçiriler.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçiligi boýunça döwlet gullugy tarapyndan ýurdumyzyň milli intellektual eýeçiligi goramak ulgamyny dünýä standartlaryna laýyk getirmek, ylmyň, tehnikanyň we medeniýetiň gazananlaryny döwletiň hem-de jemgyýetiň ösüşine ornaşdyrmaga ýardam bermek, taraplaryň intellektual eýeçilik hukuklaryny döwlet we halkara derejesinde goramagyň kepilliklerini üpjün etmek boýunça işler amala aşyrylar.

2019–2025-nji ýyllarda telekeçiligiň ösüşini höweslendirmek boýunça çäreleriň we gurallaryň giň toplumyny öz içine alýan döwlet goldawynyň berilmegi dowam etdiriler. Bu goldaw 2016-njy ýylyň 14-nji sentýabrynda rejelenen görnüşde kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», «Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň çäklerinde we kabul edilen Maksatnamalaryň ýerine ýetirilmeginiň, şol sanda «Türkmenistanda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak boýunça Döwlet Maksatnamasynyň» we «Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet Maksatnamasynyň», şeýle hem soňky ýyllarda kabul edilen, ykdysadyýetiň bu bölegini höweslendirmäge gönükdirilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde amala aşyrylar.

Hususylaşdyrmagyň netijeliligini we bähbitliligini ýokarlandyrmak üçin hususylaşdyrylmaga we döwletiň eýeçiliginden aýrylmaga degişli döwlet kärhanalarynyň sanawy işlenip taýýarlanar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuş-ykdysady syýasatyny amala aşyrmakda hususyýetçilik bilen döwletiň özara peýdaly hyzmatdaşlygyna, telekeçilik işi üçin amatly şertleriň döredilmegine aýratyn üns berler. Döwlet bilen hususy eýeçiligiň arasynda gatnaşyklaryň yzygiderli ýola goýulmagyny we goldanmagyny üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň, degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň gatnaşmagynda Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça döwlet topary öz işini dowam eder.

2025-nji ýyla çenli ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň JIÖ-niň umumy möçberinde (ýangyç-energetika toplumyny hasaba almazdan) tutýan paýy düýpli ýokarlandyrylar. Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň kärhanalarynyň umumy sany köpeler.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli durmuş-ykdysady syýasatynyň möhüm ugry sebitleriň öndüriji güýçleriniň ösüşiniň derejesini deňleşdirmekden ybarat bolan sebitleýin gatnaşygy döretmekden we bazar özgertmeleriniň umumy strategiýasynyň çäklerine önümçilik gatnaşyklaryny laýyk getirmekden ybaratdyr. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda täze, halkara standartlaryna laýyk gelýän önümçilikleriň we desgalaryň düýbi tutular, häzirki hereket edýän kärhanalaryň tehniki derejesi döwrebaplaşdyrylar.

Milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky 984-nji Karary esasynda kabul edilen «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» we ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi bu ugurda kabul ediljek aýratyn Döwlet Maksatnamasyna hem-de ony amala aşyrmagyň çäreleriniň meýilnamasyna laýyklykda amala aşyrylar.

Welaýatlarda we Aşgabat şäherinde döredilen önümçilikler we hyzmat edaralary ýurduň içerki bazarlarynyň isleglerini kanagatlandyrmaga we daşarky bazarlara haryt çykarmaga mümkinçilik berer.

Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan öňdengörüjilikli durmuş-ykdysady strategiýasynyň çäklerinde Birleşen Milletler Guramasynyň agza ýurtlary tarapyndan kabul edilen Durnukly Ösüş Maksatlarynyň ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylmagy boýunça çäreleri mundan beýläk-de utgaşdyrmak bilen bagly işler dowam etdiriler.

## Maliýe we býujet-salgyt ulgamy

Maliýe ulgamyny ösdürmek ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmaga, diwersifikasiýalaşdyrmaga we innowasiýalary maliýe taýdan üpjün etmäge hem-de höweslendirmäge, durnukly ykdysady ösüşi saklamaga, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga hem-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň hilini gowulandyrmaga gönükdiriler.

Ykdysadyýeti durnukly ösdürmek üçin býujet çykdajylarynyň bellenen möçberiniň birsydyrgyn depgini üpjün ediler.

Gazna ulgamyny kämilleşdirmek boýunça 2014-nji ýylyň döwlet maliýe statistikasyna geçmek we býujet amallaryny hasaba almak we amala aşyrmak boýunça täze programma üpjünçiligini ornaşdyrmak işleri dowam eder.

Dünýä ykdysadyýetinde we milli ykdysadyýetde ösüş depginleriniň gowşamagynyň çak edilýän şertlerinde ulgamlaýyn çökgünlikleriň täsirini peseltmek üçin ýurduň maliýe bölegini kämilleşdirmek Türkmenistanyň Döwlet býujetini goşmak bilen, maliýe ulgamynyň durnuklylygyny we netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen bir bitewi döwlet maliýe syýasatyny alyp barmaga ugrukdyrylar. Mundan

başga-da Maksatnamalaýyn maksatly býujetlemäge geçmek bilen býujet işiniň gurluşy kämilleşdiriler we täze býujet bölünişi ornaşdyrylar.

Ýurtda amala aşyrylýan özgertmeler şertlerinde döwlet ulgamyny maliýeleşdirmekde we raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakda, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmegiň çäklerinde döwletiň orny artýar.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynyň maksatlaryny we wezipelerini, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmegiň çäklerinde Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen ileri tutulýan ugurlara laýyklykda, durmuş-ykdysady wezipeleri netijeli çözmäge we ilatyň ýaşaýşynyň hilini gowulandyrmaga möhüm ähmiýet berler.

2019–2025-nji ýyllaryň býujet syýasatynyň çäklerinde ykdysadyýeti köp ugurlar boýunça giňeltmek we döwrebaplaşdyrmak, täze uglewodorod däl senagat mümkinçiligini emele getirmek, ykdysadyýetiň innowasiýa düzüm bölegini ösdürmek işleri, şeýle hem adam maýasynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça çäreler öz wagtynda we doly möçberde maliýeleşdiriler. Salgyt töleýjileriň maýa goýum işjeňligi üçin höweslendirmeleri döretmek bilen bir wagtda, býujetiň deňeçerligini üpjün etmek wezipesi ozalkylary ýaly, býujet syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň biri bolup galar.

Ykdysadyýetiň durnukly, depginli ösdürilmegi býujetiň girdejileriniň artdyrylmagynyň hem-de artykmaç býujet çykdajylarynyň tygşytlanmagynyň hasabyna üpjün ediler. Býujet serişdeleriniň maksatlaýyn we netijeli peýdalanylyşyna aýratyn üns berler.

Býujet kodeksine laýyklykda, býujet çykdajylaryny maliýeleşdirmek maksatnamalaýyn esasda amala aşyrylar. Bu çykdajylaryň tygşytly ulanylmagyna, býujet serişdeleriniň maksadalaýyk peýdalanylyşyna gözegçiligi güýçlendirmäge we býujet amallarynyň aýdyňlygyny üpjün etmäge ýardam eder. Şunda býujet çykdajylarynyň 70 göterimden gowragy ileri tutulýan ugurlar boýunça, ozalkylary ýaly, durmuş ulgamyny – bilimi, saglygy goraýşy, medeniýeti, pensiýa we durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmäge gönükdiriler.

Döwletiň gysga, orta we uzak möhletli gaznaçylyk borçnamalaryny (obligasiýalary) çykarmak we maliýe bazarlarynda gaýtadan ýerleşdirmek işleri dowam etdiriler. Bu bolsa ýurduň Döwlet býujetine goşmaça girdejileriň gelmegini üpjün eder.

Döwlet çykdajylaryny maksadalaýyk ulanmak maksady bilen, döwlet satyn almalarynyň guralyny kämilleşdirmäge, şol sanda onuň aýdyňlygyny üpjün etmek arkaly kämilleşdirmäge uly ähmiýet berler.

Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň maliýe ýagdaýyny yzygiderli seljermek hem-de olaryň algy-bergileriniň özara hasaplaşyklaryny geçirmek boýunça işler dowam etdiriler.

Maliýe bazary geljekde ösüşe eýe bolar. Dürli görnüşli gymmatly kagyzlaryň (aksiýalaryň, obligasiýalaryň, opsionlaryň) bazarlary giňeldiler. «Aşgabat gazna biržasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işi işjeňleşer, bu bolsa satylýan gymmatly kagyzlaryň, şol sanda hem ikinji bazarda möçberini we görnüşini ep-esli giňelder. Maliýe bazarynyň täze gurallary ornaşdyrylar.

Öňde duran döwürde salgyt syýasaty ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň has möhüm gurallarynyň biri bolup galar. Ol salgyt ýüküniň bäsdeşlik şertlerini ýoýmaýan we maýa goýumlaryň gelmegine hem-de ykdysady ösüşe päsgel bermeýän amatly derejesini we gurluşyny saklamaga gönükdiriler. Salgydy dolandyrmagyň hilini ýokarlandyrmak, salgytlaryň ýygnalyşyny artdyrmak boýunça işler dowam etdiriler.

Salgyt syýasaty şu aşakdaky ugurlarda kämilleşdiriler:

1) býujetiň durnuklylygyny üpjün edýän netijeli we durnukly salgyt ulgamyny döretmek;

2) göni salgytlaryň çeýe, ylmy taýdan esaslandyrylan göterim möçberlerini, gytaklaýyn salgytlar boýunça dünýäniň ösen ýurtlarynyň salgyt-gümrük möçberleri derejesinde göterim möçberlerini girizmek;

3) milli haryt öndürijileri höweslendirmek, olaryň bähbitlerini goramak, öndürilýän harytlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we söwda dolanyşygyny amatly etmek maksady bilen, harytlar üçin eksport-import paçlaryny düzgünleşdirmek;

4) ýokary tehnologiýalary peýdalanmakda ýöriteleşýän pudaklary salgyt babatda höweslendirmek;

5) ikitaraplaýyn salgyt salynmagyny aradan aýyrmak, gytaklaýyn salgytlar, salgytlary ýygnamak babatda özara hereket etmek we kömek bermek boýunça daşary döwletleriň salgyt edaralary bilen täze ylalaşyklary baglaşmak.

Ýurduň maliýe ulgamyny pugtalandyrmak, salgyt tölegleriniň artmagynyň hem-de hususylaşdyrmakdan gelip gowuşýan serişdeleriň, salgyt däl girdejileriň, döwletiň gysga möhletli gaznaçylyk borçnamalaryny çykarmagyň hasabyna milli ykdysadyýeti maliýeleşdiriş çeşmelerini giňeltmek boýunça işler dowam etdiriler.

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça milli ulgamyň kämilleşdirilmegi boýunça işler alnyp barlar.

«Maliýe we ykdysadyýet» ylmy-amaly žurnalynyň türkmen, rus we iňlis dillerindäki sanlarynyň her ýylda alty gezek neşir edilmegini üpjün etmek boýunça zerur işler geçiriler.

Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň maliýe ýagdaýyny yzygiderli seljermek hem-de olaryň algy-bergileriniň özara hasaplaşyklaryny geçirmek boýunça işler dowam etdiriler.

Maliýe bazary geljekde ösüşe eýe bolar. Dürli görnüşli gymmatly kagyzlaryň (aksiýalaryň, obligasiýalaryň, opsionlaryň) bazarlary giňeldiler. «Aşgabat gazna biržasy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işi işjeňleşer, bu bolsa satylýan gymmatly kagyzlaryň, şol sanda hem ikinji bazarda möçberini we görnüşini ep-esli giňelder. Maliýe bazarynyň täze gurallary ornaşdyrylar.

Öňde duran döwürde salgyt syýasaty ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmagyň has möhüm gurallarynyň biri bolup galar. Ol salgyt ýüküniň bäsdeşlik şertlerini ýoýmaýan we maýa goýumlaryň gelmegine hem-de ykdysady ösüşe päsgel bermeýän amatly derejesini we gurluşyny saklamaga gönükdiriler. Salgydy dolandyrmagyň hilini ýokarlandyrmak, salgytlaryň ýygnalyşyny artdyrmak boýunça işler dowam etdiriler.

Salgyt syýasaty şu aşakdaky ugurlarda kämilleşdiriler:

1) býujetiň durnuklylygyny üpjün edýän netijeli we durnukly salgyt ulgamyny döretmek;

2) göni salgytlaryň çeýe, ylmy taýdan esaslandyrylan göterim möçberlerini, gytaklaýyn salgytlar boýunça dünýäniň ösen ýurtlarynyň salgyt-gümrük möçberleri derejesinde göterim möçberlerini girizmek;

3) milli haryt öndürijileri höweslendirmek, olaryň bähbitlerini goramak, öndürilýän harytlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we söwda dolanyşygyny amatly etmek maksady bilen, harytlar üçin eksport-import paçlaryny düzgünleşdirmek;

4) ýokary tehnologiýalary peýdalanmakda ýöriteleşýän pudaklary salgyt babatda höweslendirmek;

5) ikitaraplaýyn salgyt salynmagyny aradan aýyrmak, gytaklaýyn salgytlar, salgytlary ýygnamak babatda özara hereket etmek we kömek bermek boýunça daşary döwletleriň salgyt edaralary bilen täze ylalaşyklary baglaşmak.

Ýurduň maliýe ulgamyny pugtalandyrmak, salgyt tölegleriniň artmagynyň hem-de hususylaşdyrmakdan gelip gowuşýan serişdeleriň, salgyt däl girdejileriň, döwletiň gysga möhletli gaznaçylyk borçnamalaryny çykarmagyň hasabyna milli ykdysadyýeti maliýeleşdiriş çeşmelerini giňeltmek boýunça işler dowam etdiriler.

Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmek boýunça milli ulgamyň kämilleşdirilmegi boýunça işler alnyp barlar.

«Maliýe we ykdysadyýet» ylmy-amaly žurnalynyň türkmen, rus we iňlis dillerindäki sanlarynyň her ýylda alty gezek neşir edilmegini üpjün etmek boýunça zerur işler geçiriler.

## Döwlet ätiýaçlandyryş ulgamy

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde amala aşyrylýan beýik özgertmeler ätiýaçlandyryş ulgamynyň ähmiýetiniň has-da artmagyna getirýär hem-de bazar ykdysadyýeti şertlerinde maýadarlaryň bähbitlerini ätiýaçlandyryş goragy bilen üpjün etmek we töwekgelçiliklerden goramak zerur bolup durýar.

Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy ätiýaçlandyryş babatynda milli ätiýaçlandyryş ulgamynyň maliýe gatnaşyklary ulgamyndaky döwletiň, fiziki we ýuridik taraplaryň bähbitlerini goramagyň netijeli guraly hökmündäki ornuny pugtalandyrmaga, ätiýaçlandyryş işiniň hilini ýokarlandyrmaga we Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýumlar üçin uzak möhletli serişdeleri artdyrmaga gönükdirilen işleri ätiýaçlandyryş goragy bilen üpjün etmegi dowam etdirer.

Müşderileriň şahsy, emläk we jogapkärçilik bähbitlerini goramak boýunça ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny halkara ülňülerine getirip, hereket edýän ätiýaçlandyryş görnüşleri yzygiderli kämilleşdiriler. Ätiýaçlandyryş guramalarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak hem-de ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak babatda işler alnyp barlar.

Türkmenistanyň hojalygy ýöredijileriniň maliýe ýagdaýyny berkitmek üçin, şeýle hem ilatyň we ýuridik şahslaryň halkara standartlaryna laýyk gelýän ätiýaçlandyryş hyzmatlaryna bolan isleglerini doly kanagatlandyrmak boýunça işler amala aşyrylar. Ätiýaçlandyryş hyzmatlary boýunça mahabatlandyryş we wagyz-nesihat işleri geçiriler.

Ýurdumyzyň degişli kanunçylygyna laýyklykda girizilen hökmany döwlet ätiýaçlandyryş görnüşleri esasynda hyzmatlary kämilleşdirmek boýunça işler geçiriler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky 12832-nji Kararyna laýyklykda ýurdumyzyň çäklerinde ýaşaýşyň esasy hasaplanýan Watanymyzyň tebigatyny ýaramaz täsirlerden gorap saklamakda, abadan durmuşymyzy gazanmakda daşky gurşawy hem-de fiziki we ýuridik taraplaryň şahsy bähbitlerini ätiýaçlandyryş goragy bilen üpjün etmek bilen ekologiýa syýasatyna goşant goşmak dowam etdiriler.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 18-nji fewralynda çykaran 14613--nji Karary esasynda fiziki we ýuridik taraplaryň emläk bähbitlerini hökmany ätiýaçlandyryşyň esasy ýörelgeleri boýunça ýangyn sebäpli edara-kärhanalaryň önümçiliginde bökdençlikler döremez ýaly, ýagny işiň durmazlygy üçin kadaly işi gazanmakda ýangyndan ätiýaçlandyrmak boýunça işler yzygiderli berjaý ediler.

Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy ätiýaçlandyryş halatynyň töwekgelçiliginiň öňüni almak hem-de ätiýaçlandyryş halatlary ýüze çykan ýagdaýynda ýitginiň möçberini azaltmak maksady bilen öňüni alyş çärelerini geçirmek üçin maliýeleşdirmäge gatnaşar.

Ulag-logistika merkeziniň paýdarlary hökmünde çykyş etmek bilen ondaky içki we üstaşyr ýük dolanyşygy ygtybarly halkara standartlaryna laýyklykda ätiýaçlandyryş goragy bilen üpjün ediler.

Ýerli ätiýaçlandyryş kompaniýalary bilen bilelikdäki we gaýtadan ätiýaçlandyryş boýunça hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi daşary ýurda gidýän pullaryň möçberiniň azalmagyna getirer.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmek, şeýle hem ätiýaçlandyryş işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi has-da kämilleşdirmek, ätiýaçlandyryş işini maglumatlaşdyrmak we awtomatizasiýalaşdyrmak babatynda häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň Merkezi edarasy bilen bilelikde welaýat, şäher we etrap guramalarynyň maglumatlaryny optik-süýümli aragatnaşygyň üsti bilen ýerine ýetirmek we awtomatik usulda Merkezi edarada hasabatlary jemlemek dowam etdiriler.

Ätiýaçlandyryş ulgamynda müşderiler bilen interaktiw aragatnaşygy ösdürmek üçin guramanyň web saýtynda dürli serwisleri ornaşdyrmakda alnyp barylýan işläp-düzmek işleri kämilleşdiriler. Häzirki döwürde dürli ulgamlaryň informasion-telekommunikasion tehnologiýalaryna talabyň, zerurlygyň global ugurlary öwrenilip, guramanyň informasion infrastrukturasyny kämilleşdirmekde, häzirki zaman tehnologiýalaryny özleşdirmekde işler yzygiderli alnyp barlar.

Guramanyň dolandyryş işini çalt üýtgedip gurmak we döwrebap alyp barmak hem-de ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, şeýle hem elektron resminama dolanyşygyna hem-de sanly ykdysadyýete geçmäge degişli işleri alyp barmak dowam etdiriler.

Ätiýaçlandyryş guramalarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak hem-de ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak babatda işler alnyp barlar.

Türkmenistanyň hojalygy ýöredijileriniň maliýe ýagdaýyny berkitmek üçin, şeýle hem ilatyň we ýuridik şahslaryň halkara standartlaryna laýyk gelýän ätiýaçlandyryş hyzmatlaryna bolan isleglerini doly kanagatlandyrmak boýunça işler amala aşyrylar.

Ätiýaçlandyryş bazaryna gatnaşyjylaryň ätiýaçlandyryş medeniýetini ýokarlandyrmak, ätiýaçlandyryş şertleri we bähbitleri barada maglumatlary ýaýratmak maksady bilen ätiýaçlandyryş hyzmatlary boýunça mahabatlandyryş we wagyz-nesihat işleri geçiriler.

Halkara we daşary ýurtlaryň ätiýaçlandyryş kompaniýalary we dellallary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk ösdüriler hem-de halkara ätiýaçlandyryş işewürleriniň tejribelerine esaslanyp, ätiýaçlandyryş guramalarynyň hünärmenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlar yzygiderli guralar.

## Zähmeti we ilaty durmuş taýdan goramak ulgamy

Çaklanylýan geljek orta möhlet üçin zähmet, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, durmuş üpjünçiligi çygrynda kanunçylygyň kämilleşdirilmegi, ilaty durmuş taýdan goramagyň ulgamyna täze usullaryň girizilmegi, zähmet bilen baglanyşykly ulgamy dolandyrmagyň täze ugurlarynyň döredilmegi, zähmeti goramagyň, zähmet howpsuzlygynyň meseleleri bilen meşgullanýan döwlet dolandyryş edaralarynyň düzümine täzeden seredilmegi, halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ýaly ulgamlaýyn meseleleriň üstünde işlenilmegi göz öňünde tutulýar.

Ilaty durmuş taýdan goramagyň çärelerinde adamlaryň iş bilen üpjünçilik meselesine aýratyn orun degişlidir. Türkmenistanda ilatyň iş bilen üpjünçilik ulgamyny ösdürmegiň esasy wezipeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 1-nji maýynda çykaran 14226-njy Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda iş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmegiň hem-de täze iş orunlaryny döretmegiň 2015–2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» kesgitlendi.

Maksatnamada bellenen wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen alnyp barylýan işleriň hatarynda «Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegine uly ähmiýet berilýär. Bu Kanun ilaty iş bilen üpjün etmek ulgamynda döwlet syýasatynyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitledi. Kanunda raýatlaryň konstitusion hukugyny üpjün etmäge, işsizlikden goraglylygyna gönükdirilen çäreler, şeýle hem bu ulgamdaky döwlet kepillendirmeleri öz beýanyny tapdy.

Türkmenistanda ýaş nesil hakyndaky alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Türkmenistanda ýaş hünärmenleri işe ýerleşdirmek ulgamyny kämilleşdirmegiň we ösdürmegiň ugurlary Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 2-nji martyndaky 688-nji Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda ýaş hünärmenleri işe ýerleşdirmek ulgamyny kämilleşdirmegiň 2018–2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» kesgitlenildi we bu Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi ýaşlaryň ykdysadyýetiň pudaklarynda özleriniň ornuny tapmaklaryna ýardam bermek, olaryň zähmet çekmegi üçin mümkinçilikleri we has oňaýly şertleri döretmek boýunça alnyp barylýan işleriň netijeliliginiň artmagyna getirer.

Türkmenistanyň Maýyplaryň hukuklary hakynda Konwensiýa goşulmagy bilen, ondan gelip çykýan wezipeleri iş ýüzünde amala aşyrmak boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. Şu Konwensiýanyň esasy kadalarynyň hatarynda maýyplygy bolan adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň durmuşa geçirilmegi boýunça çäreler uly orun tutýar. Şoňa görä-de, geljekki döwürde maýyp adamlaryň görkezilen hukuklarynyň doly durmuşa geçirilmegini üpjün etmek gazanylar.

Geljekki döwürde ýurdumyzyň zähmet kanunçylygyny kämilleşdirmek, ony halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyk getirmek boýunça işler dowam etdiriler. Işgärleriň saglygyny we ömrüni goramak çäreleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmak maksady bilen, zähmet şertlerine baha bermek işi giň gerimde alnyp barlar. Şeýle hem bu ugurda hünärmenleriň hünär başarnyklaryny ýokarlandyrmak üçin ýörite okuwlar guralar, bellenen tertipde olaryň daşary ýurt tejribelerini öwrenmekleri ýola goýlar.

Zähmet haky her bir ýurduň, her bir toparyň, adamyň esasy durmuş-ykdysady görkezijileriniň biri bolup durýar. Bu ykdysady ýagdaýyň esasy görkezijisidir. Şunuň bilen baglylykda, zähmetiň önümçilik ösüşiniň depginine we işçi güýjüniň hiline laýyk gelýän, zähmet bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyň sazlaşygyny üpjün edýän işgärleriň, iş berijileriň we döwletiň hyzmatdaşlyk gatnaşyklary bilen zähmet bazaryny sazlaýan netijeli gurluşy döretmekde aýlyk haklaryny durnukly ýokarlandyrmagy kämilleşdirýän işler dowam etdiriler.

2019–2025-nji ýyllar aralygynda aýlyk zähmet haklarynyň, pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň ýokarlandyrylmagy bilen bagly zerur seljerme işleri alnyp barlar.

Ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny, durmuş üpjünçiliginiň derejesini ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup çykyş edýär hem-de bu ugurdaky işler Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet adam üçindir!» diýen baş şygarynyň iş ýüzünde amala aşyrylýandygyny tassyklaýan esasy guraly hökmünde işjeň dowam etdiriler. Ilatyň pensiýa üpjünçiliginiň ygtybarlylygy hökmany döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy esasynda mundan beýläk hem ýokarlandyrylar.

Ilatymyzyň girdejileri ýokarlanyp, olaryň maýa goýum işinde işjeňliginiň artmagyna hem-de özleriniň durmuş goraglylygyny pugtalandyrmaklaryna giň mümkinçilikler döredilýär. Meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyndaky raýatlaryň şahsy hasaplarynda jemlenilýän, bellenilen tertipde maýa goýuma gönükdirilip, mynasyp maýa goýum girdejileri hasaplanyp goşulýan serişdeler olaryň öz şahsy emläkleri bolup durýar we kanunçylyk arkaly goraglylygy döwlet tarapyndan kepillendirilýär. Raýatlarymyzyň mundan beýläk hem ýokary işjeňlik bilen meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşmaklaryny üpjün etmek maksady bilen bu ulgamyň ähmiýetinini artdyrmak boýunça çäreler durmuşa geçiriler.

Goldawa mätäç raýatlar üçin durmuş taýdan hyzmat edýän edaralaryň gurluşy we olaryň işi kämilleşdiriler, ilatyň durmuş taýdan goraglylygy güýçlendiriler.

Çagalary durmuş taýdan goramagyň has kämil usullary işlenip taýýarlanar we ornaşdyrylar. Milli kanunçylyk Birleşen Milletler Guramasynyň «Çaganyň hukuklary hakynda» halkara Konwensiýasyna laýyk getiriler. «Türkmenistanyň Hököme-


TDMəl Kitaphana №

ti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 2016–2020-nji ýyllar üçin ýurt boýunça Maksatnamasynyň Hereketler meýilnamasyna» laýyklykda, çagalaryň saglygyny goramakda, ýokary hilli bilim bermekde, durmuş taýdan goramakda, olaryň hukuklaryny durmuşa geçirmekde hyzmatdaşlyk alnyp barlar. Çagalar üçin hyzmatlar we goldawlar halkara ülňülerine laýyk getiriler.

Türkmenistanyň Prezidenti Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji ýubileý mejlisiniň çäklerinde geçirilen durnukly ösüş meseleleri boýunça Ýokary derejeli duşuşykda çykyş etmek bilen, Türkmenistan hem-de Birleşen Milletler Guramasy öz hyzmatdaşlygyny milli bähbitleri we döwlet ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara alyp guramak arkaly strategik hyzmatdaşlar bolup çykyş edýändigini belledi. Türkmenistan şol mejlisde kabul edilen Durnukly ösüşiň täze maksatlaryny we wezipelerini goldap çykyş etdi hem-de olary Türkmenistanda doly durmuşa geçirmek boýunça netijeli işleri alyp barýar. Bu bolsa geljekki döwürde Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralary bilen netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirjekdigini şertlendirýär.

Şundan ugur alnyp, Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň esasy edaralary bolan Ösüş maksatnamasy, Halkara Zähmet guramasy, Çagalar gaznasy bilen ýurtda zähmet, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, durmuş üpjünçilik ulgamlaryny ösdürmek babatda işjeň hyzmatdaşlyk alnyp barlar.

Halkara Zähmet guramasynyň Konwensiýalaryna goşulyşmak işleri dowam etdiriler. Bu guramanyň bilermenleriniň hyzmatlaryny peýdalanmak boýunça işler geçiriler.

## Döwlet statistika ulgamy

Döwlet statistikasyny ösdürmek boýunça «Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasynda» bellenen çäreleri durmuşa geçirmegiň barşynda ýurtda statistika işini kämilleşdirmekde belli bir öňegidişlikler gazanyldy.

Türkmenistanda döwlet statistikasy ulgamyny 2019–2025-nji ýyllarda ösdürmegiň maksady halkara standartlaryna we milli ykdysadyýeti dolandyrmagyň talaplaryna laýyk gelýän, ýokary hilli statistik maglumatlary öz wagtynda we doly möçberde ýygnamak, işlemek we ýaýratmak, ýurtda resmi statistikanyň guralyşyny döwrebap kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri döwrüň talabyna laýyklykda dowam etdirmekden ybarat.

Bu Maksatnamada statistika babatynda göz öňünde tutulan çäreleri durmuşa geçirmegiň esasyny 2008–2016-njy ýyllar aralygynda döwlet statistikasy babatyn-

da ýetilen sepgitler, şol döwürde toplanan iş tejribesi, statistikanyň halkara standartlaryndaky täze düzgünler düzýär.

Hususan-da, geçirilýän statistik gözegçilikleriň uçdantutma we seçimleýin usullarynynyň utgaşykly ulanylmagy, maglumatlary ýygnamakda dolandyryş çeşmelerinden has giňişleýin peýdalanylmagy, habarlar-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň täze gazananlarynyň ornaşdyrylmagy dowam etdiriler.

Statistikanyň usulyýeti halkara tejribesiniň iň soňky gazananlaryny özleşdirmegiň hasabyna üznüksiz kämilleşdiriler. Statistik klassifikatorlaryň kämilleşdirilmegi we üstüniň ýetirilmegi dowam etdiriler. Maksatnamany durmuşa geçirmegiň barşynda statistik amalyýet resminamalarynyň kämilleşdirilmegi hem dowam etdiriler. Bu döwürde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň merkezi edarasynyň guramaçylyk düzümi kämilleşdiriler. Milli hasaplar ulgamy boýunça hasaplamalar onuň täze nusgasy esasynda ýola goýlar, Resurslar we peýdalanyş tablisalarynyň hasaplamalary amala aşyrylar. Milli hasaplar ulgamy – 2008 esasynda jemi içerki önümiň we jemi sebitleýin önümiň hasaplanylyşy kämilleşdiriler.

Türkmenistanyň ilatynyň we ýaşaýyş jaý gorunyň nobatdaky uçdantutma ýazuwyna taýýarlyk görler we 2022-nji ýylda geçiriler. Dolandyryş maglumatlaryny ýygnamagyň we seçimleýin gözegçilikleri ösdürmegiň hasabyna döwlet statistik hasabatlaryny bermek boýunça guramalarda hasabat işgärlerine düşýän iş agramynyň azaldylmagy gazanylar.

Dolandyryş maglumatlar binýadynyň ulgamlaýyn ösdürilmeginiň netijesinde döwlet statistik hasabatlarynyň bir bölegi pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň statistikasy görnüşinde ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň garamagyna geçiriler. Maglumatlaryň dolandyryş çeşmelerden alnyşyny ulgamlaýyn ýola goýmagyň, seçimleýin statistik gözegçiliklerde, maglumatlar geçirilende elektron usullaryň köpçülikleýin ulanylmagyna geçilmeginiň netijesinde ilkinji statistik maglumatlary ýygnamagyň has ygtybarly, işi çaltlaşdyrýan we tygşytly usullary özleşdiriler.

Halkara guramalarynyň maslahatlaryny, şeýle hem Durnukly ösüş maksatlarynyň Türkmenistan tarapyndan kabul edilen wezipelerini nazara almak bilen, durmuş-ykdysady ösüşiň statistik görkezijiler ulgamy kämilleşdiriler.

Statistik habarlaryň ýaýradylyşyny kämilleşdirmek işi dowam etdiriler. Maglumatlardan peýdalanyjylaryň isleglerini öwrenmek boýunça pikir alyşmalar geçiriler.

Statistik maglumatlaryň hemişe üsti ýetirilip durulýan elektron binýatlary kämilleşdiriler. Şonuň ýaly-da, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti habarlar-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň döwrebap enjamlary bilen abzallaşdyrylar. Statistika edaralaryna zerur bolan hünärmenleriň taýýarlanylmagyna ýardam etmek üçin statistika ulgamy bilen ylym we bilim ulgamlarynyň aragatnaşygy mundan beýläk hem pugtalandyrylar.

Statistikany ösdürmegiň meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdüriler. Statistikanyň meselelerine bagyşlanan halkara okuwlaryna we beýleki hünär ýokarlandyryş çärelerine bellenen tertipde yzygiderli gatnaşylar.

## Döwlet standartlaşdyryş ulgamy

Häzirki zaman jemgyýetinde standartlaşdyrmak durmuş we ykdysady meseleleri çözmekde iň möhüm gurallaryň biridir.

Döwlet gullugy tarapyndan kadalaşdyryjy resminamalar gaznasyny kämilleşdirmek we olary halkara standartlary bilen utgaşdyrmak işleri giňden alnyp barlar. Halkara we sebitara standartlaryny, daşary ýurtlaryň standartlaryny düýpli öwrenmek, olara girizilen üýtgetmeleri hem-de goşmaçalary gözegçilikde saklamak we olary ýurdumyzyň çäginde ulanmagyň düzgünlerini bellemek we tassyklamak, standartlaryň we standartlaşdyrmak boýunça beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň döwlet gaznasyny döretmek, olary saklamak, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan, ähli taraplary bellenen tertipde şol resminamalar bilen üpjün etmek, standartlaşdyrmak boýunça gollanmalaryň beýleki görnüşlerini neşir etmek «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň ygtyýarlygyna girýän iň möhüm wezipeleriň biridir.

2012-nji ýylda «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Standartlaşdyrmak ulgamynyň işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalary işlenip taýýarlanyldy we degişli tertipde hasaba alyndy.

Standartlaşdyrmak işini halkara derejelerine çykarmak maksady bilen, «Standartlaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň, şeýle hem Halkara standartlaşdyryş guramasynyň (ISO) we Halkara elektrotehniki komissiýasynyň (IEC) ISO/IEC tehniki işler bilen baglanyşykly düzgünleriniň, ISO/IEC Halkara standartlarynyň taslamalaryny taýýarlamaga we onuň gurluşyna degişli düzgünlerini, sebitleýin we milli derejede halkara standartlaryny we beýleki halkara resminamalaryny kabul etmek atly ISO/IEC21-1:2005 Gollanmasynyň talaplaryna laýyklykda Türkmenistanyň standartlaşdyrmak boýunça milli tehniki komitetlerini döretmek we olaryň guralyşyny düzgünleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar.

Tehniki komitet Türkmenistanda döwlet standartlaryny we tehniki şertleri, döwletara standartlaryny we standartlaşdyrmak boýunça beýleki resminamalary (düzgünleri, kadalary, gözükdirijileri, usuly görkezmeleri we maslahatlary) işläp taýýarlamak boýunça, şeýle hem standartlaşdyrmak babatda kanunçylyk tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki işleri, şol sanda halkara we döwletara (sebit) standartlaşdyrmak babatda işleri geçirýär.

Önümleriň hiliniň standartlaryny ulanmak bilen, sarp edijiler we daşky gurşaw hilsiz önümlerden hem-de olaryň önümçiliginiň zyýanly netijelerinden goraýar. Önüm öndüriji we üpjün ediji döwlet standartlaryny we halkara standartlaryny başarnykly ulanmak bilen, alyjylaryň ynamyny gazanyp bilýär. Bu ösüş hili netijeli işleýän standartlaşdyrmak ulgamy tarapyndan tassyklanan önümleriň we hyzmatlaryň import-eksport amallaryna ýaramly täsir edýär.

Ýurdumyzda standartlaşdyrmak ulgamyny has-da kämilleşdirmegiň we özgertmegiň esasy ugurlary:

– standartlaşdyrmak boýunça hukuk binýadyny has-da kämilleşdirmekden;

– döwlet standartlarynyň talaplaryny halkara standartlarynyň talaplary bilen utgaşdyrmakdan;

– ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň gazananlaryny hasaba almak bilen, önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan;

– adamyň jan-saglygy we daşky gurşaw üçin howpsuzlygyny üpjün etmekden;

– standartlaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işlerde edara-kärhanalaryň we hususy pudagyň ornuny güýçlendirmekden;

– içerki we halkara bazarlarynda ýerli öndürijileriň öndürýän önümleriniň, hyzmatlarynyň bäşdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan;

– standartlaşdyrmak ugry boýunça işleýän hünärmenleriň bilim derejesini yzygiderli ýokarlandyrmakdan ybarat.

Ýurdumyzyň standartlaşdyrmak ulgamyny 2019–2025-nji ýyllarda ösdürmekde öňde durýan esasy wezipeler şulardan ybarat:

– ýerli önüm öndürijileriň öndürýän önümleriniň daşary ýurt bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak;

– standartlaşdyrmak babatynda kadalaşdyryjy namalaryň gaznasyny döwrebaplaşdyrmak we halkara standartlary bilen utgaşdyrmak;

– ulgamyň barlaghana binýadyny we synag enjamlaryny yzygiderli döwrebaplaşdyrmak;

– standartlaşdyrmak ugry boýunça ösen daşary ýurtlaryň oňyn tejribelerine laýyklykda hünärmenleriň we bilermenleriň hünär bilim derejelerini yzygiderli kämilleşdirmek maksady bilen okuwlary guramak.

Bu ugurda esasy wezipeleriň hataryna hereket edýän döwlet standartlarynyň talaplaryny halkara standartlarynyň talaplary bilen utgaşdyrmak, tehniki talaplaryň derejesini has-da artdyrmak degişlidir. Halkara standartlaryny degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary we isleg bildirýän beýleki taraplar bilen milli bähbitlere laýyklykda kabul etmek hem-de ulanyşa girizmek zerurdyr.

Ýurdumyzda sertifikatlaşdyrylýan önümleriň standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýändigini anyklamak üçin Türkmenistanyň döwlet sertifikatlaşdyryş ulgamynyň talaplaryna laýyklykda, önümlerde synag işleri geçirilýär. Hil meselesi bilen bagly bu işleri bellenen tertipde akkreditirlenen synag barlaghanalary geçirýärler.

Telekeçiligi goldamak, ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara eksport edilmeginiň resmileşdirilişini ýeňilleşdirmek maksady bilen, «Eksport edilmegi bilen bagly Türkmenistanyň gümrük çäginden daşyna çykarylanda sertifikatlaşdyrylmaga degişli önümleriň Sanawy» taýýarlanyldy we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 5-nji fewralynda çykaran 14594-nji Karary bilen tassyklandy. Şol Sanawa girmeýän önümler eksport edilende hökmany sertifikatlaşdyrmakdan boşadylyp, meýletin esasa geçirildi.

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň garamagyndaky edaralaryň barlaghanalarynyň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, täze barlaghanalar gurlup, ulanmaga berildi we dünýäniň ösen daşary ýurtlarynyň öňdebaryjy kompaniýalary tarapyndan öndürilen, ýokary tilsimatly döwrebap synag enjamlary we gurallary bilen üpjün edildi.

Ýurdumyzda sertifikatlaşdyrmak ulgamyny has-da kämilleşdirmegiň we özgertmegiň esasy ugurlary:

– sertifikatlaşdyrmak boýunça hukuk binýadyny has-da kämilleşdirmekden;

– sarp edijileriň bähbitlerini we daşky gurşawy kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümlerden, işleriň ýerine ýetirilmeginden, hyzmatlaryň edilmeginden goramakdan;

– sarp edijilere oňat hilli önümi saýlamaga ýardam bermekden;

– sertifikatlaşdyrmak ugry boýunça işleýän hünärmenleriň bilim derejesini yzygiderli ýokarlandyrmakdan ybarat.

Ýurdumyzyň sertifikatlaşdyrmak ulgamyny 2019–2025-nji ýyllarda ösdürmekde öňde durýan esasy wezipeler şulardan ybarat:

– sarp edijileriň bähbitlerini we daşky gurşawy kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmeýän önümlerden, işleriň ýerine ýetirilmeginden, hyzmatlaryň edilmeginden goramak, sarp edijilere oňat hilli önümi saýlamaga ýardam bermek maksady bilen sertifikatlaşdyrmak ulgamyny kämilleşdirmek;

– sertifikatlaşdyrmak ugry boýunça ösen daşary ýurtlaryň oňyn tejribelerine laýyklykda hünärmenleriň we bilermenleriň hünär bilim derejelerini yzygiderli kämilleşdirmek maksady bilen okuwlary guramak.

Geçen döwürde metrologiýa ulgamynyň hukuk binýady täzelendi. Türkmenistanda ölçegleriň bitewüligini üpjün etmegi kadalaşdyrýan, metrologik gözegçiligiň we gözegçilik barlaglarynyň täze görnüşleri girizilen «Ölçegleriň bitewüligini üpjün etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalary kabul edildi.

Ýurdumyzda ulanylýan ölçegleri halkara ulgamy bilen utgaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň çäklerinde ulanmaga rugsat berlen ölçeg birlikleriniň sanawy tassyklanyldy. Türkmenistanda rugsat berilýän ölçeg birlikli ölçeg serişdeleriniň getirilmegine we ulanylmagyna amatly şertler döredildi.

Has takygy, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 1-nji fewralyndaky 12818-nji Kararyna laýyklykda, Ölçegler we agramlar boýunça halkara Baş maslahaty tarapyndan kabul edilen Halkara ulgamyna girýän 7 sany ululyklaryň birlikleri tassyklanyldy. Şol Karardan gelip çykýan tabşyryga laýyklykda bellenen tertipde Türkmenistanda ulanylmagyna rugsat bermek üçin Ululyklaryň birlikleriniň halkara ulgamyna girmeýän ululyklaryň birlikleriniň sanawy tassyklanyldy hem-de Türkmenistanyň Adalat ministrliginde bellige alyndy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 9-njy sentýabryndaky 11824-nji Karary esasynda Aşgabat şäherinde Döwlet etalon merkezi guruldy we 2013-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda ulanylmaga berildi. Döwlet etalon merkezi ýurdumyzyň etalon binýadyny emele getirýän, belli bir ölçeg çygrynda mümkin bolan ýokary derejeli takyk ululyk birliklerini gaýtalanýan, saklaýan we olary tabyn ölçeg serişdelerine geçirýän ilkinji etalonlaryň toplumy, barlaghanalary bolsa häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän ýokary tilsimatly etalon synag enjamlary we nusgalyk ölçeg serişdeleri bilen üpjün edildi.

Metrologiýa ugry boýunça, şol sanda Döwlet etalon merkezinde işleýän hünärmenlerimiz üçin hünär bilim derejesini ýokarlandyrýan okuwlar guralýar. Daşary ýurtlaryň oňyn tejribesi bilen ýerinde tanyşmak maksady bilen, hünärmenler iş saparlaryna iberilýär.

Ýurdumyzda metrologiýa ulgamyny has-da kämilleşdirmegiň we özgertmegiň esasy ugurlary:

– metrologiýa boýunça hukuk binýadyny has-da kämilleşdirmekden;

– ýurdumyzda ýokary takyklykdaky ölçeg serişdeleriniň ulanylmagyny gazanmakdan;

– metrologiýa ugry boýunça hünärmenleri we bilermenleri taýýarlamak işini dowam etmekden ybarat.

Häzirki wagtda ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda örän köp görnüşdäki ölçeg serişdeleri ulanylýar. Döwletimizde öndürilýän elektrik energiýasyny eksport etmekde ulanylýan, elektrik energiýasynyň, şeýle hem eksporta we içki sarp edişe goýberilýän nebitgaz serişdeleriniň möçberini kesgitleýän ölçeg serişdeleriniň deňeşdirme barlagyny geçirmek üçin etalon synag enjamlary we nusgalyk ölçeg serişdeleri satyn alnyp, işe goýberildi.

Ýurdumyzyň çäklerinde hasaba alyş amallarynda ulanylýan ölçeg serişdelerine agram ölçegleri (tereziler we çeküw daşlary) hem degişlidir. Senagat pudaklarynda agram ölçeýjileriň deňeşdirme barlagyny täze derejä çykarmak maksady bilen,

agram boýunça etalon enjamlary we nusgalyk ölçeg serişdeleri satyn alnyp, işe goýberildi.

Ýurdumyzyň oba hojalygynyň ileri tutulýan ugry bolan ösdürilip ýetişdirilýän gallanyň we galla önümleriniň çyglylygyny ölçeýän ölçeg serişdeleriniň ýokary takyklygyny üpjün etmek maksady bilen, bugdaýyň çyglylygynyň nusgalyklaryny taýýarlaýjy etalon synag enjamlary satyn alyndy.

Ýurdumyzyň metrologiýa ulgamyny 2019–2025-nji ýyllarda ösdürmekde öňde durýan esasy wezipeler şulardan ybarat:

– ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmaga we ýurdumyzda öndürilýän önümleriň dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak;

– metrologiýa ugry boýunça ösen daşary ýurtlaryň oňyn tejribelerine laýyklykda hünärmenleriň we bilermenleriň hünär bilim derejelerini yzygiderli kämilleşdirmek.

«Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň döwlet etalon merkezini ugurlar boýunça halkara akkreditasiýadan geçirmek boýunça hem işler alnyp barlar.

Metrologiýa ulgamynyň esasy wezipeleri ykdysadyýetiň ösüşinde ölçegleriň bitewiligini saklamakdan we milli etalonlar bilen yzygiderli üpjünçiligi ýola goýmakdan ybaratdyr. Döwletimizde ölçegleriň bitewüligini we takyklygyny üpjün etmek milli etalon binýadynyň milli ölçegler ulgamynyň halkara talaplary esasynda kämilleşdirilmegini hem öz içine alýar.

## Bank ulgamy

Türkmenistanyň Prezidentiniň milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynyň öňünde goýýan strategik wezipelerini ýerine ýetirmekde bank ulgamy möhüm orny eýeleýär. Ýurdumyzda alnyp barylýan pul-karz syýasatynyň çäklerinde onuň degişli gurallaryny sazlaşykly ulanmak arkaly ykdysadyýetimiziň depginli ösüşi we makroykdysady deňeçerligi üpjün edilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň bazar gatnaşyklaryna geçýän döwründe ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek ugrunda diwersifikasiýalaşdyrylan, bäsdeşlige ukyply, innowasiýa ösüşini üpjün etmek üçin maliýe we bank ulgamlarynyň durnukly bolmagyny gazanmak wajyp bolup durýar.

2019–2025-nji ýyllarda ýurdumyzda alnyp barylýan pul-karz we maliýe syýasatynyň çäklerinde milli pulumyzyň hümmetiniň durnukly saklanmagyny üpjün etmek, ýurduň ykdysadyýetini ýeterlik derejede pul serişdeleri bilen üpjün etmek we onuň esasynda pul toplumyny kadalaşdyrmak we gözegçilikde saklamak babatynda degişli işleriň geçirilmegi dowam etdiriler. Bu döwürde ýurdumyzyň bank ulgamynyň durnukly ösüşini üpjün etmek babatynda Türkmenistanyň karz edaralary

tarapyndan alnyp barylýan işleriň netijeliligi yzygiderli artdyrylar, umumy dolandyryş işleriniň hilini ýokarlandyrmak arkaly hödürleýän bank hyzmatlarynyň bäsdeşligi güýçlendiriler. Ýurdumyzyň bank ulgamyna milli we daşary ýurt maýadarlaryny çekmek hem-de göni maýa goýum işjeňligini ösdürmek maksady bilen, paýly gatnaşyk şertlerinde ýerli we daşary ýurt maýa goýujylaryň gatnaşmagynda göni maýa goýum edarasy döredilер. Şeýle-de banklaryň serişdeler binýadyny artdyrmak boýunça işler dowam etdiriler.

Karz edaralarynyň ygtybarlylygyny, ykdysady we maliýe durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin maýalyk gorlaryny artdyrmak we onuň hilini gowulandyrmak, şeýle hem maýanyň möçberiniň karz edaralarynyň işiniň barşynda bolup biljek töwekgelçiligini ýapmaga ýeterlik bolmagyny üpjün etmek möhüm wezipeler bolup durýar.

Maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda geçiriljek düzümleýin özgertmeleriň çäklerinde Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleri we degişli tabşyryklary esasynda döwletiň paýynyň agdyklyk etmeginde banklaryň guramaçylyk-hukuk görnüşi üýtgedilip, paýdarlar jemgyýetine tapgyrlaýyn geçirmek boýunça işler alnyp barlar. Bu babatda geçiriljek işler halkara maliýe guramalarynyň ýardam bermeginde amala aşyrylar.

Şeýle hem kartly töleg ulgamlaryny banklaryň gatnaşmaklarynda paýdarlar jemgyýetine öwürmek ugrunda degişli işler alnyp barlar.

Banklarda ulanylýan awtomatizirlenen maglumat ulgamlarynyň, serwer we kompýuter-aragatnaşyk enjamlaryň tehniki goldawyny alyp barmak boýunça üpjün ediji kompaniýalar bilen hyzmatdaşlyk ýola goýlar. Döwrebap programma üpjünçilikleri, serwer we kompýuter enjamlary bilen üpjünçiligi yzygiderli kämilleşdiriler. Bu ugurda daşary ýurtly kompaniýalar bilen bir hatarda ýerli programma önümlerini taýýarlaýjylar bilen hem degişli işler ýola goýlar.

Maglumat tehnologiýalary, sanly ykdysadyýet, maglumat howpsuzlygy meseleleri boýunça daşary ýurtly bilermenleriň maslahatlaryndan peýdalanmak, şeýle hem bank ulgamynyň bu ugurdaky hünärmenleriniň bilim derejelerini ýokarlandyrmak maksady bilen tejribe alyşmak boýunça halkara gurmalary we daşary ýurtlaryň merkezi banklary bilen hyzmatdaşlyklar ýola goýlar.

Maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, maglumat ulgamlaryna abanýan kiberhowplara garşy durmak boýunça zerur bolan enjamlary we programma üpjünçiliklerini satyn almak, ornaşdyrmak, şeýle hem bu ugurdan hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen degişli okuwlara gatnaşdyrmak işleri alnyp barlar.

Banklarda elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek üçin zerur bolan tehniki we programma üpjünçiliklerini satyn almak we ornaşdyrmak, şeýle hem Türkmenistanyň ministrliklerinde, pudaklaýyn-dolandyryş edaralarynda or-

naşdyrylýan maglumat ulgamlaryna banklar bilen bagly meseleler boýunça utgaşykly işleri ýola goýlar.

Müşderilere internet ulgamynyň üsti bilen menzilara bank hyzmatlary. Türkmenistanda hasaplaşyk-töleg ulgamynda döwrebap tehnologiýalary müşderilere hödürlemek maksady bilen bölek satuw we hyzmat ulgamynda QR-code (dessin tassyklanylýan kod) arkaly hasaplaşyklar hödürlener.

Paýnamalary goýbermek we olary ýerlemek işleri geçiriler, şeýle-de sap peýdany (esaslyk maýasyna) gaýtadan maýalaşdyrmak arkaly esaslyk maýanyň möçberi artdyrylar.

Türkmenistanda kiçi we orta telekeçilige maliýe taýdan yzygiderli goldaw bermek maksady bilen, «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan 2019–2025-nji ýyllarda bankyň esaslyk maýasyny onuň paýdarlarynyň we beýleki çeşmeleriň hasabyna artdyrmak boýunça işler geçiriler.

Ýurdumyzyň karz edaralarynyň goýum syýasatyna laýyklykda ilatyň erkin duran pul serişdelerini banklara çekmek arkaly goýum hasaplaryndaky serişdeleriň möçberini artdyrmak, goýumlar boýunça tölenýän göterimleri maliýe bazarynda hereket edýän nyrhlara laýyklykda bellemek, müşderileriň isleglerini öwrenmek arkaly goýumlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça degişli işler alnyp barlar.

Karz edaralary tarapyndan ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryny karzlaşdyrmak işi dowam etdiriler. Karzlaryň düzüminde uzak möhletli karzlaryň, hususan-da, ösen tehnologiýalary özünde jemleýän önümçilik desgalaryny karzlaşdyrmagyň paýy düýpli artdyrylar. Milli ykdysadyýetimiziň hojalygy ýöredijileriniň maliýe serişdelere bolan islegleri ýeterlik derejede kanagatlandyrylar. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararlary esasynda importyň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilýän önümçilik maksatly karzlary we ipoteka karzlaryny bermek dowam etdiriler. Şol bir wagtda ýurdumyzda hususy telekeçilgi goldamagyň çäklerinde maýa goýum işjeňligi artdyrylar, kiçi we orta telekeçiler tarapyndan amala aşyrylýan taslamalaryň maliýeleşdirilmesi olaryň maýasyna gatnaşmak arkaly ýola goýlar. Bu ugurda halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlykda ýörite maliýeleşdiriş serişdeleri çekmek bilen bagly işler alnyp barlar.

Bu döwürde karz bäsleşiginiň (auksionynyň) hem-de bankara karz bazarynyň işi dowam etdiriler.

Maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe maliýe hyzmatlaryny menzilara ýerine ýetirmegiň dürli usullaryny ösdürmek ugrunda degişli işler geçiriler, şol sanda öýjükli telefonlaryň üsti bilen bu hyzmatlar amala aşyrylar. Täze tehnologiýalary ulanmak arkaly, ýagny öýjükli telefon aragatnaşygyny, töleg nokatlaryny, şeýle hem ilkibaşda az möçberli töleglerden başlamak bilen, internet ulgamyny ulanmak esasynda elektron töleg we elektron pullary ulanmak ulgamy ösdüriler.

Şeýle hem bank kartlarynyň üsti bilen amal edilýän nagt däl tölegleriň gerimini mundan beýläk hem giňeltmek we bank kartlary arkaly hödürlenýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak boýunça işler dowam etdiriler. Hususan-da, bank karzlaryny gaýtarmak, aragatnaşyk hyzmatlarynyň töleglerini, ilatyň jaý-jemagat hyzmatlary üçin töleglerini, dürli salgytlary we ýygymlary, döwlet ätiýaçlandyryş töleglerini we beýleki tölegleri geçirmek mümkinçiligi ýola goýlar.

Şahsy taraplaryň islegleri boýunça milli ýa-da daşary ýurt pulunda bank hasaplaryny açmazdan, pul geçirimlerini amala aşyrmak işi ýaýbaňlandyrylar.

Esasan hem, sebitlerde bank hyzmatlary bazarynyň üpjünçilik ulgamyny ösdürmek üçin has oňaýly şertler döredilер. Sebitlerde nagt däl hasaplaşyklaryň ösdürilmegi üçin zerur bolan çäreler toplumy durmuşa geçiriler.

Türkmenistanyň hasaplaşyk-töleg ulgamlarynda elektron tölegler ulgamynda elektron resminamalary alyşmagyň we olara gözegçilik etmegiň tertibi kämilleşdiriler, şeýle hem Türkmenistanyň hasaplaşyk-töleg ulgamlarynyň kanunçylyk binýadyny berkitmek boýunça degişli işler geçiriler.

Karz edaralary tarapyndan hyzmatlar bazarynda halkara karz institutlarynyň tejribesi öwreniler we zerur bolan ugurlarda degişli işler geçiriler.

Karz alyjylaryň we banklaryň bähbitlerini ikitaraplaýyn goramak, karz gatnaşyklarynda töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen karz taryhyny döretmek boýunça degişli işler geçiriler we bu gatnaşyklary kadalaşdyrýan kanunçylyk binýady üpjün ediler.

Bank işleriniň häsiýetine we göwrümine laýyklykda töwekgelçilikleri dolandyrmak bilen baglanyşykly işler dowam etdiriler. Maglumatlary öz wagtynda almak we seljermek boýunça geçirilýän işler dürli ugurlarda yzygiderli amala aşyrylar.

Karz edaralarynda hereket edýän içki buhgalterçilik hasaba alnyşynyň tehniki tertibine halkara standartlaryna laýyk getirilen hasaba alyş syýasaty boýunça üýtgetmeleri girizmek we beýleki düzgünleşdiriji resminamalara we buhgalterçilik hasabatynyň nusgalaryna degişli üýtgetmeleri girizmek işi dowam etdiriler. Maliýe hasabatlylygy halkara standartlaryna laýyklykda kämilleşdirilip, täze girizilýän programma üpjünçiliginde awtomatlaşdyrylan görnüşinde alnyp barlar.

Karz edaralaryny we olaryň şahamçalaryny häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän tehniki enjamlar we programma önümleri bilen üpjün etmek boýunça degişli işler alnyp barlar.

Müşderileriň karz edaralaryna bolan ynamyny ýokarlandyrmak üçin olaryň bähbitlerini goramagyň hukuk esaslaryny kämilleşdirmek yzygiderli dowam etdiriler. Bank hyzmatlarynyň we önümleriniň täze görnüşlerini teklip etmek, banklaryň müşderileri üçin amatly bolan nyrhlary işläp düzmek, banklaryň mahabat-maglumatlarynyň işini berkitmek ugrunda alnyp barylýan çäreleri durmuşa geçirmek ilatyň banklara bolan ynamyny ýokarlandyrar.

Karz edaralary tarapyndan hödürlenýän bank hyzmatlaryna bolan islegi ýokarlandyrmak hem-de bank hyzmatlary bilen müşderileri doly tanyşdyrmak we wagyz etmek maksady bilen karz edaralary tarapyndan marketinge aýratyn üns berler.

Şol bir wagtda, bazar ykdysady şertlerinde bank ulgamyny netijeli dolandyrmak we onuň işini halkara tejribelerine laýyklykda alyp barmak maksady bilen, menejmentiň öňdebaryjy tilsimleri ornaşdyrylar.

Maksatnamanyň durmuşa geçirilýän döwründe Türkmenistanyň karz edaralaryna tejribeli işgärleri işe almak, bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda hünär derejelerini ýokarlandyrmak boýunça degişli okuwlary gurnamak hem-de daşary ýurt maliýe guramalary tarapyndan geçirilýän ykdysady okuw maslahatlaryna bankyň hünärmenleriniň gatnaşmagyny üpjün etmek babatynda hem degişli işleriň geçirilmegi dowam ediler.

«Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» bellenen wezipeler we göz öňünde tutulan çäreler Birleşen Milletler Guramasynyň agza ýurtlary tarapyndan kabul edilen Durnukly Ösüşiň 1, 2, 3, 4, 8, 9, 12, 16 we 17-nji Maksatlaryny durmuşa geçirmäge ýardam berler.

## Ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynda sanly intellektual tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary bilen bir hatarda ýurdumyzyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynda hem sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky 984-nji Karary esasynda kabul edilen «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda amala aşyrylar.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi maksatnamalaýyn esasda alnyp barlar. Konsepsiýanyň çäginde bu ugurda aýratyn Döwlet Maksatnamasy hem-de ony amala aşyrmagyň çäreleriniň meýilnamasy işlenip düzüler we kabul ediler.

Konsepsiýa ýurdumyzy sanly ulgam esasynda ösdürmegiň maksadyny, wezipelerini we esasy ugurlaryny kesgitlemek bilen, ol 3 tapgyrda durmuşa geçiriler.

Birinji tapgyrda amala aşyrylmaly çäreler, esasan, 2019-njy ýylda meýilleşdirilip, bu tapgyrda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça ygtyýarly edaranyň bellenilmegi, sanly ykdysadyýeti ösdürmek bilen bagly wezipeleri amala aşyrmak boýunça Pudagara toparyň döredilmegi hem-de ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Döwlet Maksatnamasynyň we ony amala aşyrmagyň çäreleriniň meýilnamasynyň işlenip taýýarlanylmagy göz öňünde tutuldy.

Şeýle hem bu tapgyrda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynyň maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalar binýadyny seljerip, edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň sanly ykdysadyýeti ösdürmekde taýýarlyk derejelerini kesgitlemek we olaryň maddy-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça bäsleşikleri yglan etmek, kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, sanly ykdysadyýetiň ösýän şertlerinde tejribesi bolan milli we halkara bilermenlerini işe çekmek, ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak ulgamyny kämilleşdirmek we beýleki çäreler göz öňünde tutulýar.

Ikinji tapgyr 2020–2023-nji ýyllary öz içine alyp, bu tapgyrda ýurdumyzda döwrebap maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryny giňden ornaşdyrmak, işe girizmek we onuň sazlaşykly işlemegini ýola goýmak, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, şeýle hem maglumat üpjünçilik ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek bellenilýär. Ikinji tapgyrda hyzmatlaryň dürli görnüşleriniň bir ýerde jemlenen köpugurly «Bir penjire» ulgamynyň maglumatlary toplaýyş, işleýiş we goraýyş milli maglumat merkezini döretmek hem-de bu ulgamyň işini döwrebap ýola goýmak göz öňünde tutulýar.

Şeýle hem ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmek boýunça wezipeleriň durmuşa geçirilişini netijeli dolandyrmak maksadynda halkara standartlaryna laýyk gelýän döwrebap enjamlary, tehnologiýalary we programma üpjünçiligini ornaşdyrmak arkaly sanly ykdysadyýetiň görkezijiler ulgamyny hem-de usulyýetini işe girizmek meýilleşdirilýär.

Üçünji tapgyra 2024–2025-nji ýyllar degişli edilip, bu tapgyrda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda sanly intellektual tehnologiýalaryň we usullarynyň kämilleşdirilmegini we ornaşdyrylmagyny dowam etdirmek, ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmekde we ony ösdürmekde gazanylan oňyn tejribeleriň esasynda has netijeli taslamalaryň ornaşdyrylmagyny giňden ýaýbaňlandyrmak, sanly intellektual tehnologiýalaryň özleşdirilmegi bilen, ýurdumyzyň sanly ykdysadyýetiniň ählumumy sanly ykdysady ulgamyna sazlaşykly goşulyşmagyny gazanmak, halkara önümçilik halkasyna goşulan işewürligiň täze görnüşlerini ösdürmek, durnukly ösüşi üpjün etmekde ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň düzüminde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ulgamynyň ösüşini üpjün etmek, döwlet dolandyrylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak bilen bagly wezipeler bellenilýär.

Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmeginde ilkinji ugurlaryň hatarynda ýurduň tutuş ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynyň ösüşine uly ähmiýet berilýär.

Sanly intellektual tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy arkaly býujet serişdelerine takyk gözegçilik etmek hem-de olary dolandyrmak üçin şertleri üpjün edýän maliýe maglumatyny dolandyrmagyň döwlet ulgamynyň (MMDDU) döredilmegi derwaýys meseleleriň ilkinjileriniň hatarynda durýar.

Bu ulgamyň esasy maksady has köp zähmeti talap edýän işleri awtomatlaşdyryp, maliýe we ykdysadyýet ulgamynyň işiniň tizligini we dessinligini artdyrmakdan, býujeti taýýarlamak, ýerine ýetirmek we hasabatlylygy düzmek işine gatnaşyjylar tarapyndan hödürlenýän maglumatlaryň netijeliligini, dürslügini, takyklygyny we şunuň netijesinde hilini ýokarlandyrmakdan ybarat bolup durýar.

Innowasiýa maglumat-aragatnaşyk gurallary şulary üpjün eder:

– býujet işine gatnaşyjylaryň arasynda yzygiderli maglumatlaryň alşylmagyny aňsatlaşdyrar, tizleşdirer we howpsuzlygyny üpjün eder;

– hödürlenýän maglumatlaryň dessin barlagyny awtomatlaşdyrylan usulda alyp barmaga mümkinçilik berer;

– hödürlenýän maglumatlar esasynda jemlenen maglumatlaryň dürli görnüşlerini taýýarlamaga mümkinçilik berer;

– býujet işine gatnaşyjylaryň ählisine dürs we takyk maglumatlaryň öz wagtynda elýeter bolmagyny üpjün eder;

– býujeti taýýarlamagyň, ýerine ýetirmegiň we hasabatlylygy düzmegiň barşynda oňa gatnaşyjylaryň arasynda gapma-garşylyklaryň we çaprazlyklaryň ýüze çykmagynyň öňüni almaga ýardam eder;

– ýurdik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak işinde Internet ulgamynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak arkaly talap edilýän resminamalaryň sanawyny azaltmaga şert döreder;

– kärende we hususylaşdyrylýan desgalaryň tölegleri boýunça kagyz göterijide amal edilýän ýurdumyzyň çägindäki hasaplaşyklary elektron görnüşinde geçirmekligi ýola goýmaga mümkinçilik berer.

Sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagynda bank ulgamy hem milli ykdysadyýeti ýeterlik möçberde maýa goýum serişdeleri bilen üpjün etmekde ähmiýete eýe bolýar.

Bu ulgama sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy diňe bir işewirlik mümkinçilikleri artdyrman, eýsem döwrebäp ösen jemgyýetiň kemala gelmegine oňyn täsir edýär, bank hyzmatlarynyň hili ýokarlanýar, hyzmatlaryň täze döwrebap görnüşleri döreýär, harajatlaryň we sarp edilýän gymmatly wagtyň tygşytlanmagyna ýardam berýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň bank edaralary iri maglumat geçiriş ulgamyna eýedir. Ähli pudaklary we sebitleri sanly ykdysadyýete geçirmekde Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň gerimini artdyrmak ugrunda degişli çäreler toplumy amala aşyrylýar, şol sanda ýurdumyzyň çäginde bankomatlaryň we terminallaryň ornaşdyrylmagy dowam etdirilýär.

Ýurdumyzda nagt däl tölegleriň möçberini artdyrmak hem-de pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan

halkara tejribesiniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar. Netijede, 2019-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna ýurdumyzyň prossesiň merkezlerinde hasaba alnan bank kartlarynyň sany geçen ýylyň degişli senesi bilen deňeşdirilende 35,7% artdy, terminallaryň sany 31,3%, bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-banking» we «Mobile-banking» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 11,7% ýokarlandy.

Türkmenistanyň «Halkbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan «VISA» halkara töleg ulgamyny işe girizmek boýunça taýýarlyk we synag işleri geçirildi, karz edaralary tarapyndan «Goýum bank kartynyň» görnüşleri bellenen tertipde ylalaşylyp, bu görnüşli kart hyzmaty raýatlarymyza hödürlenildi. Şeýle hem «Türkmentelekom» Döwlet elektrik aragatnaşyk kompaniýasynyň raýatlara hödürleýän internet hyzmatlary üçin hasaplaşyklary ýurdumyzyň islendik künjeginden bankomatlaryň, «Internet-banking» we «Mobile-banking» ulgamlarynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde, «online» tertibinde amala aşyrmak mümkinçiligi ýola goýuldy.

Karz edaralary tarapyndan raýatlarymyza döwrebap bank hyzmatlaryny hödürlemek boýunça işleriň çäklerinde «Maşgala» atly bank kart önümi taýýarlanylyp, işe goýberildi.

Ýurdumyzda töleg we hasaplaşyk ulgamlarynyň işini halkara tejribesine esaslanyp kämilleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar. «Altyn asyr» kartly töleg ulgamynyň bank kartlarynyň arasynda pul serişdelerini bir kartdan başga karta bankomatlaryň, «Internet-banking» we «Mobile-banking» ulgamlarynyň üsti bilen «online» tertipde nagt däl görnüşinde geçirmek mümkinçiligi ýola goýuldy. Bu hyzmatyň işe girizilmegi raýatlarymyzyň ýurdumyzyň islendik künjeginde banklara barmazdan, kart hasabyndan bökdençsiz pul geçirim amalyny amala aşyrmaga mümkinçilik döretdi.

Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan banklaryň kart ulgamyny kämilleşdirmek hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda çykaran PB-293 belgili Kararynyň esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň «Ösüş ugrunda halkara maliýeleşdirişiň elýeterligini giňeltmekde hyzmatdaşlyk» atly meýilleşdirilen Ösüş maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň çäklerinde sanly ulgama (internet we «mobile banking») geçmek bilen birlikde, banklaryň öz müşderileri bilen töleg we maglumat beriş resminamalarynyň elektron dolanyşygyny «Internet-banking» ulgamy arkaly ornaşdyrmak meýilleşdirilýär. Häzirki wagtda enjamlaýyn programma üpjünçiligini üpjün etmek boýunça degişli işler alnyp barylýar.

Maksatnamanyň amala aşyrylýan döwründe banklaryň hereket edýän tehnologiýalaryny (serwerleri, kompýuterleri we ş.m.) we programma üpjünçiliklerini

täzelemek işlerine giň gerim berler, şahamçalara geçiriş ulgamynyň hili we tizligi ýokarlandyrylar.

Banklaryň işjeňligini artdyrmak maksadynda ornaşdyrylјak täze programma üpjünçilikleri banklaryň birnäçe işlerine toplumlaýyn çemeleşmekligi ýola goýmaga ýardam berer. Gündelik amallary, işgärler maglumat dolandyryşyny, hojalyk işleriniň buhgalter hasaba alnyşyny talabalaýyk ýerine ýetirmek, şeýle hem şahamçalaryň girdejileriniň we çykdajylarynyň merkezleşdirilen tertipde seljerilip, töwekgelçilikleri dolandyrmak, sebitlerdäki şahamçalar bilen töleg-hasaplaşyklar ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilen elektron tölegleriň gerimini giňeltmek işleri geçiriler. Aşgabat şäherinde, welaýat we etrap merkezlerinde töleg terminallaryny ginden ýaýratmak, bankomatlaryň işjeňliginde täze tehnologiýalary ornaşdyrmak we ösdürmek babatdaky göz öňüne tutulýan işlere giň gerim berler.

Elektron tölegleriň ösüşi (görnüşleri, aýratynlyklary, geçirilen tölegleriň möçberi we ş.m.) hereket edýän hasaplaşyk töleg ulgamynyň, awtomatlaşdyrmagyň we onuň işleýiş düzgüniniň has kämil derejesiniň döredilmegine we töleg geçirilen wagty ulgamyň tiz işlemek ukybyna bagly bolup durýar.

Hasaplaşyk gullugynyň esasy wezipesi elektron tölegleriň şu aşakdaky ugurlaryny kämilleşdirmekden ybarat:

– hasaplaşyk dolanyşygyny tizleşdirmek, ýagny töleg iberijiniň bankyndan tölegi kabul edijiniň bankyna geçirmek üçin sarp edilýän wagty gysgaltmak;

– programma üpjünçiligini talaba laýyk gurnamak, ulgamyň işinde zerur bolan täze programma gurallaryny döretmek;

– dürli görnüşli hyzmatlaryň tölеglerini bank kartlarynyň üsti bilen geçirmek;

– hasaplaşyk hasabynda wagtlaýyn dörän hereketsiz serişdäni netijeli peýdalanmak.

Müşderilere berlen karzlaryň esasy we göterim bergilerini bank kartlarynyň üsti bilen gaýtarmak üçin zerur bolan bank kartlarynyň amallar programma üpjünçiliginiň ornaşdyrylmagy we bu ulgamyň prossesiň merkeziniň Web serwisine birikdirmek boýunça işler ilerlediler.

Döwlet statistikasyny ösdürmegiň nobatdaky tapgyrynda esasy maksat halkara standartlaryna we milli ykdysadyýeti dolandyrmagyň talaplaryna laýyk gelýän, ýokary hilli statistik maglumatlary öz wagtynda we doly möçberde ýygnamak, işlemek we ýaýratmak, ýurtda resmi statistikanyň guralyşyny döwrebap kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri döwrüň talabyna laýyklykda dowam etdirmekden ybarat bolar.

Statistikanyň usulyýeti halkara standartlaryna laýyklykda ösdüriler. Sanly tehnologiýalar babatynda maglumatlary ýygnamagyň, geçirmegiň we işlemegiň häzirki zaman kämil usullaryny özleşdirmek işlerine artykmaçlyk berler.

Statistika işiniň tehniki we tehnologik binýadyny pugtalandyrmak arkaly maglumatlary ýygnamagyň we dessin işläp taýýarlamagyň döwrebap usullaryny ornaşdyrmak işini güýçlendirmek boýunça işleriň tapgyrlaýyn alnyp barylmagy göz öňünde tutulýar.

Sanly ykdysadyýet şertlerinde işleriň döwrebap guralmagy üçin statistika ulgamynyň edaralarynyň maddy-tehniki üpjünçiligini gowulandyrmak, statistik maglumatlary ýygnamak, geçirmek, işlemek we seljermek üçin döwrebap programma üpjünçiligini ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler dowam etdiriler.

Meýilnamalaşdyrylýan döwürde statistik maglumatlary ýygnamagyň, işlemegiň we ýaýratmagyň usullaryny kämilleşdirmek bilen bir hatarda statistiki maglumatlaryň mydama üsti ýetirilip durulýan elektron binýatlarynyň we statistik görkezijileriň bitewi metamaglumatlar ulgamynyň döredilmegi, Türkmenistanyň bütin ulgamynyň maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň döwrebap enjamlar bilen abzallaşdyrylmagy hem-de maglumatlaryň elektron usulda ýygnalmagynyň giňeldilmegi göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklary bilen bir hatarda **zähmet, ilatyň iş bilen üpjünçiligi we durmuş üpjünçiligi ulgamlarynda** hem täze innowasiýa tehnologiýalary, şol sanda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, elektron resminamalar dolanyşygyna geçmek wezipesi öňde durýar. Şuňa görä-de, ýurdumyzda zähmet bazarynyň meseleleri bilen baglylykda pudaklaryň işini utgaşdyrmak, iş bilen üpjünçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek işleri dowam etdiriler. Iş bilen üpjünçilik edaralarynda maglumat-aragatnaşyk hyzmatlaryny peýdalanmagyň derejesi ýokarlandyrylar. Şunda, iş bilen üpjünçilik boýunça döwlet edaralarynyň hyzmatlarynyň Internet ulgamynda elýeterli bolmagy gazanylar, iş üpjünçilik çygryndaky pudaklaýyn we döwlet statistik hasabatlaryň Internetiň üsti bilen iberilmegi, kabul edilmegi üçin mümkinçilikler dörediler we iş bilen üpjünçilik edaralarynda programma üpjünçiligi kämilleşdiriler.

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň Internet sahypasynda boş iş orunlaryny teklip etmegiň, tanyşdyrmagyň hem-de iş gözleýänleriň özleriniň maglumatlaryny hödürlemekleriniň mümkinçiligi giňeldiler. Iş gözleýän raýatlar zähmet we ilatyň iş bilen üpjünçiligi edarasyna ýa-da boş iş orny teklip edýän iş berijä barmazdan, bar bolan boş iş orunlary baradaky maglumatlar bilen dessin tanyşmak, özleriniň iş gözleýän hökmünde maglumatlaryny teklip etmek, iş berijiler bolsa, gerekli hünärmen baradaky maglumatlary öwrenmek we saýlamak mümkinçiligine eýe bolarlar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Pensiýa gaznasynyň ulgamynda Aşgabat şäheriniň hem-de welaýatlaryň pensiýa gazna müdirlikleri we etrap, şäher pensiýa gaznasy bölümleri bilen optiki süýümli aragatnaşyk ýola goýuldy. Pensiýa, döwlet kömek pullaryny alýanlaryň, pensiýa ätiýaçlandyrmasynda ätiýaçlandyrylanlaryň maglumatlar binýady emele getirildi.

3. Sargyt № 375

Mundan beýläk hem ulgamda durmuş töleglerini amala aşyrmakda ätiýaçlandyrylanlary hem-de ätiýaçlandyrýanlary hasaba almakda, olaryň maglumatlaryny dolandyrmakda awtomatlaşdyrylan ulgamyň mümkinçilikleri artdyrylar, bir bitewi merkezleşdirilen ulgam döredilер, pensiýa gaznasynyň edaralarynda ilata Internediň üsti bilen maglumatlary ýetirmek ýola goýlar, adamlar üçin pensiýa üpjünçiliginde özlerine dahylly maglumatlary uzak aradan almaga mümkinçilik döredilер.

Pensiýa ätiýaçlandyrma ulgamynda ätiýaçlandyrýanlar üçin hasabatlary taýýarlamagyň, ibermegiň we kabul etmegiň, şol sanda uzak aradan kabul etmegiň usuly kämilleşdiriler we Internetiň mümkinçilikleri giňden ornaşdyrylar. Pensiýa üpjünçiligi boýunça pudaklaryň arasyndaky resminamalar dolanyşygyny elektron hem-de awtomatlaşdyrylan ulgama geçmegiň üstünde işleniler.

Ýurdumyzda nagt däl hasaplaşygy giňden ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň çäklerinde, Pensiýa gaznasynyň edaralarynyň üsti arkaly geçirilýän pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň töleglerini bank kartlarynyň üsti bilen amala aşyrmak boýunça işler giňden alnyp barlar. Bu bolsa, tölegleri alyjylaryň wagtynyň we serişdeleriniň tygşytlanmagyna uly mümkinçilik döreder.

**Standartlaşdyryş we sertifikatlaşdyryş ulgamlarynda** sanly maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy bu ugurda alnyp barylýan işleri merkezleşdirilen tertipde ýola goýmaga hem-de merkezi we ýerli edaralarda resmileşdirilýän resminamalaryň wagtly-wagtynda amala aşyrylmagyny gündelik gözegçilikde saklamaga ýardam eder we maglumatlaryň elektron poçta arkaly alşylmagyny üpjün eder.

Täzeçil tehnologiýalaryň we usullaryň girizilmegi zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagynda, resminamalaryň alşylmagy üçin sarp edilýän wagtyň tygşytlanmagyna, şeýle hem kadalaşdyryjy resminamalaryň elektron gorunyň netijeli peýdalanylmagyna itergi berer.

**Ätiýaçlandyryş ulgamynyň** sanlylaşdyrylmagynda Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan döwrüň talabyna laýyklykda häzirki zaman maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň özleşdirilmegi üçin yzygiderli işler alnyp barylýar. Ätiýaçlandyryş işini awtomatlaşdyrmak boýunça ýöriteleşdirilen hereket edýän programma üpjünçiligini kämilleşdirmek dowam etdiriler. Öz tabynlygyndaky welaýatlarda we etraplarda ýerleşýän guramalarynyň ählisi bilen optiki süýümli aragatnaşyk arkaly özara maglumat dolanyşygy amala aşyrylýar, şeýle hem wideoşekilli konferensiýalar we okuwlar gurnalýar. Internet giňişliginde ýerleşdirilen resmi Web saýtyň üsti bilen giň halk köpçüligine degişli maglumatlar ýetirilýär we elektron töleg hyzmatlary amala aşyrmakda şertler döredilýär.

Ätiýaçlandyryş ulgamynda müşderiler bilen interaktiw aragatnaşygy ösdürmek üçin guramanyň web saýtynda dürli hyzmatlary ornaşdyrmakda zerur işler alnyp

barylýar. Geljekki meýilleşdirilýän döwürde hem dürli ulgamlaryň maglumat--aragatnaşyk tehnologiýalaryna talabynyň, zerurlygynyň global ugurlary öwrenilip, Guramanyň maglumat infrastrukturasyny kämilleşdirmek hem-de döwrebap tehnologiýalary özleşdirmek boýunça yzygiderli işler dowam etdiriler.

## Maksatnamanyň maliýe taýdan üpjünçiligi

Maksatnamada bellenen wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin döwletiň we ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň hem-de çekilen maliýe serişdeleri jemlener, şunda döwlet ulgamlaýyn we bölekleýin goldaw çärelerine, amatlyklary ösdürmäge üns berer, hususy bölek bolsa, öz tagallalaryny taslamalary maliýeleşdirmekde jemlär.

Maksatnamada görkezilen maýa goýum taslamalary we çäreleri şu aşakdaky serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar:

1) Türkmenistanyň Döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän döwlet edaralary üçin döwlet býujetinde göz öňünde tutulan serişdeleriniň hem-de býujetden daşary serişdeleriniň;

2) hojalyk hasaplaşygyndaky edaralaryň öz serişdeleriniň;

3) çekilen serişdeleriň;

4) hususy taraplaryň öz serişdeleriniň;

5) paýly gatançlaryň;

6) hemaýatkärleriň serişdeleriniň;

7) grantlaryň we halkara tehniki kömek taslamalarynyň;

8) Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki serişdeleriň.

## Garaşylýan netijeler

Maksatnamada göz öňünde tutulan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynda:

– ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny we bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün edýän ugurlary ösdürmäge we ylma esaslanýan önümçilikleriň döredilmegini höweslendirmäge, sanly ykdysadyýetiň ösýän şertlerinde innowasiýa tehnologiýalar bilen üpjün edilen önümçilik kuwwatlyklaryny döretmäge hem-de bäsdeşlige ukyply önümçilik bilen eksporty artdyrmaga we importyň ornuny tutýan önümleri öndürmäge, şeýle hem durmuş ulgamyny ösdürmegiň hasabyna ýurduň jemi içerki önüminiň ösüş depgini işjeň derejesinde saklanylar;

– maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmegiň, şol sanda maýa goýum işjeňliginiň kanunçylyk binýadynyň halkara standartlaryna laýyk getirilmeginiň hasabyna maýa goýum maksatnamasynyň netijeli ýerine ýetirilmegi üçin amatly şertler dörediler;

– ýurtda amala aşyrylýan özgertmeler şertlerinde döwlet ulgamyny maliýeleşdirmegiň we raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmegiň çäklerinde ýurduň ykdysady binýady pugtalanar;

– alnyp barylýan pul-karz we maliýe syýasatynyň çäklerinde ulanylýan usullar ýurduň ykdysadyýetiniň ýeterlik derejede pul serişdeleri bilen üpjün edilmegine we onuň esasynda pul toplumyny kadalaşdyrmaga milli pulumyzyň satyn alyjylyk ukybynyň durnukly saklanylmagyna we ýurduň ykdysady ösüşiniň jebis we sazlaşykly mehanizminiň döremegine getirer;

– raýatlaryň durmuş goraglylygynyň görkezijileriniň ýokary derejelere ýetirilmegi üpjün ediler, zähmet, ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygrynda adamlaryň ösen islegine laýyk gelýän häzirki zaman hyzmat ediş, maglumat beriş ulgamy emele getiriler, öndürijilikli we mynasyp iş bilen üpjünçilik ýörelgesine laýyklykda zähmet bazarynyň sazlaşykly işlemegi üçin kanunçylyk binýady we beýleki zerur şertler dörediler;

– zähmet bazarynda bäsdeşlige ukyplylygyň sazlaşygyny üpjün edýän işgärleriň, iş berijileriň we döwletiň hyzmatdaşlyk gatnaşyklary bilen zähmet bazaryny sazlaýan netijeli gurluşyň emele gelmegi üçin amatly şertleriň döremegine itergi berer;

– sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegine ýurtda uzak möhletleýin ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga ýardam berýän netijeli ulgamlaryň ornaşdyrylmagyna, maliýe, bank, ätiýaçlandyryş, standartlaşdyryş ulgamynda hyzmatlaryň hiliniň, statistiki hasabatlylygyň alnyp barlyşynyň ýokarlanmagyna we kämil görnüşleriniň ýola goýulmagyna, halkyň durmuş şertleriniň özgerdilmeginde tehnologiýalar bilen bagly töwekgelçilikleri dolandyrmagyň mümkinçilikleri ýokarlanar.

## «Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny» amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň MEÝILNAMASY

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 1 | «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019–2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilişini üpjün etmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler |
| 2 | Kabul edilen döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmek we olary utgaşdyrmak. Pudaklaryň ösüşi we sebitleriň durmuş-ykdysady ýagdaýy boýunça kesgitlenen maksatnamalara laýyklykda işleri alyp barmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Merkezi banky, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 3 | Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlarynyň, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň we Türkmenistanyň maýa goýum maksatnamasynyň taslamalaryny taýýarlamak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 4 | Ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyny we bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün edýän ugurlary ösdürmäge we ylma esaslanýan önümçilikleriň döredilmegini höweslendirmäge, innowasiýa tehnologiýalary bilen üpjün edilen önümçilik kuwwatlyklaryny döretmäge hem-de bäsdeşlige ukyply önümçilik bilen eksporty artdyrmaga we importyň ornuny tutýan önümleri öndürmäge, şeýle hem durmuş ulgamyny ösdürmäge ýardam etmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 5 | Özgertmeleriň düzümleýin we kanunçylyk binýadyny üpjün etmäge hem-de ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan dolandyrylyşyny kämilleşdirmäge gatnaşmak | 2019–2025-nji ýyllar | Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryna degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 6 | Bazar gatnaşyklaryny we bäsleşikli gurşawy goldamak, nyrhlaryň durmuş goldawyna gönükdirilen syýasatyny alyp barmak babatda nyrhlary düzgünleşdirmegiň içerki bazara hem-de önümçilik we hyzmat ediş pudaklara täsiri barada seljerme işlerini geçirmek. Nyrhlary döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän harytlaryň, önümleriň hem-de hyzmatlaryň sanawyny kämilleşdirmek barada teklipleri bermek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 7 | Maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri bermek we maýa goýum maksatnamasynyň netijeli ýerine ýetirilmegini gazanmak. Daşary ýurt maýadarlaryny giňden çekmek üçin maýa goýum işjeňliginiň kanunçylyk binýadynyň halkara standartlaryna laýyk getirilmegine we amatly şertleriň döredilmegine ýardam etmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler |
| 8 | Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy babatynda işleri alyp barmak. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň hem-de häkimlikleriň teklipleri esasynda Türkmenistanda döwlet eýeçiligine degişli kärhanalary we desgalary hususylaşdyrmagyň sanawyny işläp düzmek. Hususylaşdyrmak we döwlet eýeçiliginden aýyrmak boýunça kanunçylygy, döwlet emlägini dolandyrmagy kämilleşdirmek barada teklip bermek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler |
| 9 | Döwlet emlägini kärendä, kireýine peýdalanmaga bermek barada alnyp barylýan işleri dowam etmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
| --- | --- | --- | --- |
| 10 | Türkmenistanyň Býujet kodeksiniň kabul edilmegi bilen, býujeti meýilnamalaşdyrmagyň we ýerine ýetirmegiň orta möhletli ulgamyna geçmek üçin ondan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak. Maliýe maglumatlaryny dolandyrmagyň döwlet ulgamyny ornaşdyrmak üçin programma we tehniki üpjünçiligi döwrebaplaşdyrmak | 2019–2022-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 11 | Durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, býujet özgertmeleri boýunça synag taslamalaryny geçirmek üçin saýlanyp alnan ministrlik (pudaklaýyn dolandyryş edaralary) boýunça synag taslamalaryny amala aşyrmak, synaglaryň barşynda býujet işiniň ähli tapgyrlaryny, ýagny býujet gözegçiligini we netijelere baha bermegi goşmak bilen, olaryň býujetiniň düzülmegini, seredilmegini, tassyklanmagyny we ýerine ýetirilmegini göz öňünde tutmak. Zerur bolan ýagdaýlarda degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeleri girizmek barada teklipleri taýýarlamak | 2019–2022-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 12 | Sanly ykdysadyýeti ösdürmekde täze ýagdaýlara uýgunlaşan kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmekde sazlaşykly işleri alyp barmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 13 | Maliye maglumatlaryny dolandyrmagyn döwlet ulgamyny ornaşdyrmak üçin programma we tehniki üpjünçiligi işlap taýýarlamak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 14 | Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegine itergi berjek şertleriň berjaý edilmegi bilen baglylykda awtomatlaşdyrylan bellige alyş ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 15 | Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryna degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň resmi Internet sahypalaryny yzygiderli kämilleşdirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryna degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 16 | Buhgalterçilik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny halkara standartlaryna geçirmek maksady bilen hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeleri girizmek we täze usulyýet gollanmalaryny işläp taýýarlamak | 2019–2022-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 17 | Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy maliýe çärelerini işläp düzýän (FATF) toparyň täze beýanda kabul edilen maslahatlaryndan gelip çykýan Türkmenistanyň halkara borçnamalary esasynda milli kanunçylygy kämilleşdirmek, hukuk ulanyş tejribesini hil taýdan täze derejelere ýetirmek, gurluş taýdan özgerişikleri amala aşyrmak | 2019–2021-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 18 | Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy maliýe çärelerini işläp düzýän (FATF) toparyň täze beýanda kabul edilen maslahatlary esasynda milli ulgamy kämilleşdirmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek we halkara tejribesini ornaşdyrmak | 2020–2022-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 19 | Gymmatly kagyzlar bazarynyň guramaçylyk gurluşyny ösdürmek, kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek boýunça işleri geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 20 | Salgytlar, ýygymlar we beýleki hökmany tölegler babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek boýunça işleri yzygiderli geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýeti |
| 21 | Milli ykdysadyýetde aýry-aýry ýagdaýlar bilen baglanyşykly döräp biljek syýasy, ykdysady, maliýe, hukuk, pudaklaýyn, sebitleýin we tebigy töwekgelçilikleri seljermek hem-de dolandyrmak boýunça işleri durmuşa geçirmäge ýardam bermek boýunça çäreleri amala aşyrmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ykdysadyýeti töwekgelçiliklerden goramak agentligi |
| 22 | Milli intellektual eýeçiligi goramak ulgamyny dünýä standartlaryna laýyk getirmek, ylmyň, tehnikanyň we medeniýetiň gazananlaryny döwletiň hem-de jemgyýetiň ösüşine ornaşdyrmaga ýardam bermek, taraplaryň intellektual eýeçilik hukuklaryny döwlet we halkara derejesinde goramagyň kepilliklerini üpjün etmek boýunça işleri amala aşyrmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçiligi boýunça döwlet gullugy |
| 23 | Ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini seljermek we geljekki ugurlary barada teklipleri taýýarlamak, ylmy taýdan esaslandyrylan ykdysady seljermeleri geçirmek we ylmy işleri alyp barmak, milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň çaklamalaryny we maksatnamalaryny düzmäge gatnaşmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Strategik we durnukly ösüş müdirligi |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 24 | Birleşen Milletler Guramasynyň agza ýurtlary tarapyndan kabul edilen Durnukly Ösüş Maksatlaryny ýurdumyzda durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Meýletin Milli Synyny taýýarlamak | 2019-njy ýyl | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 25 | «Maliýe we ykdysadyýet» ylmy-amaly žurnalynyň türkmen, rus we iňlis dillerindäki neşirini üpjün etmek | Her ýylda alty gezek | Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty |
| 26 | Ätiýaçlandyryş işi babatynda halkara standartlaryny hasaba almak bilen, Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş ulgamyny ösdürmekde kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmegi dowam etdirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 27 | Milli ätiýaçlandyryş bazar ykdysadyýetini ösdürmek we durnuklylygyny pugtalandyrmak, onuň bäsdeşlige ukyplylygyny we maýa goýum mümkinçiligini ýokarlandyrmak bilen, halkara standartlaryny hasaba alyp, şahsy, emläk bähbitlerini we jogapkärçiligini meýletin ätiýaçlandyryş babatda hereket edýän meýletin ätiýaçlandyryş kadalaryny kämilleşdirmek we döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 28 | Müşderileriň islegini kanagatlandyrmak maksady bilen, täze ätiýaçlandyryşyň görnüşleriniň kadalaryny işläp taýýarlamak | 2019–2024-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 29 | Döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň baglaşylýan şertnamalarynyň sanyny artdyrmak we girdejileri ýokarlandyrmak ugrunda işleri geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 30 | Halkara ätiýaçlandyryş işewürleriniň tejribelerine esaslanyp, Döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň hünärmenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça okuwlary yzygiderli geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 31 | Ätiýaçlandyryş bazaryna gatnaşyjylaryň ätiýaçlandyryş medeniýetini we maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmak. Ätiýaçlandyryş hyzmatlary boýunça mahabatlandyrmak we wagyz-nesihat işlerini geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 32 | Ätiýaçlandyryş işiniň awtomatizirleşdirilen ulgamynyň programma üpjünçiligini we tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 33 | Döwlet ätiýaçlandyryş ulgamynda elektron görnüşli ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny amala aşyrmak boýunça işleri geçirmek | 2019–2021-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 34 | Ätiýaçlandyryş guramalarynyň maliýe durnuklylygyny we tölege ukyplylygyny pugtalandyrmak maksady bilen, esaslyk maýasyny we ätiýaçlandyryş gorlaryny yzygiderli artdyrmak boýunça işleri geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 35 | Halkara we daşary ýurtlaryň ätiýaçlandyryş kompaniýalary we dellallary bilen ikitaraplaýyn ýa-da köptaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge gatnaşmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 36 | Döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň ätiýaçlandyryş işi boýunça buhgalterçilik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny halkara standartlaryna geçmek boýunça usulyýet gollanmalaryny taýýarlamaga gatnaşmak we kämilleşdirmek | 2019–2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 37 | Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň web-saýtyny kämilleşdirmek üçin işleri geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 38 | Ulag-logistika merkeziniň paýdary hökmünde çykyş etmek bilen ondaky içki we üstaşyr ýük dolanyşygyny halkara standartlaryna laýyk gelýän ygtybarly ätiýaçlandyryş goragy bilen üpjün etmek üçin işleri geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 39 | Ýerli ätiýaçlandyryş kompaniýalary bilen bilelikdäki we gaýtadan ätiýaçlandyryş boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 40 | Ýerli ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň arasynda ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ýüze çykan ätiýaçlandyryş halatlarynyň maglumat ulgamyny döretmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 41 | Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 31-nji iýulynda çykaran 881-nji Kararyna laýyklykda aýratyn howply ýükler daşalanda, adamlaryň saglygyna we janyna, daşky gurşawa we Türkmenistanyň howpsuzlygyna ýetirip biljek zyýany ätiýaçlandyrmak üçin işler geçirmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 42 | Halkara maliýe kompaniýalary bilen ätiýaçlandyryş işi barada hyzmatdaşlygy ösdürmek | 2019–2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 43 | Awtomobil ulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçünji taraplaryň öňündäki raýat-hukuk jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy boýunça Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentliginiň «Türkmenulaggözegçilik» döwlet kärhanasy tarapyndan baglaşylýan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň programma üpjünçiligi bilen işi ýola goýmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 44 | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň Merkezi edarasy boýunça elektron resminamalar dolanyşygyny kämilleşdirmek. | 2019–njy ýyl | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 45 | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň Merkezi edarasy bilen bilelikde welaýat, şäher we etrap guramalarynyň ätiýaçlandyryş baýraklarynyň hasabatyny ýygnamak we seljermek boýunça optik-süýümli aragatnaşygyň üsti bilen awtomatik usulda Merkezi edarada jemlemek | 2019-2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 46 | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň häzirki ulanylýan tehniki maglumat binýadynyň serwerlerini, sanly ykdysadyýete geçilmegi bilen baglylykda häzirki zaman enjamlaryny yzygiderli täzeläp durmak | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 47 | Kiber hüjümlerine garşy çäreleri yzygiderli geçirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy |
| 48 | Zähmet, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, durmuş üpjünçiligi çygrynda kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 49 | Zähmet, zähmeti goramak, iş bilen üpjünçilik, durmuş taýdan goraglylyk boýunça halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy |
| 50 | Ykdysady taýdan işjeň ilaty pensiýa ätiýaçlandyrmasyna çekmegi dowam etdirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy |

4. Sargyt № 375

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 51 | Pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň töleniş ulgamyny kämilleşdirmek boýunça işleri geçirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy, bank edaralary, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 52 | Goldawa mätäç raýatlar üçin durmuş taýdan hyzmat etmegiň usullaryny kämilleşdirmäge teklipleri bermek | 2019–2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, häkimlikler |
| 53 | Işgärleriň saglygyny we ömrüni goramak çäreleriniň ähmiýetini ýokarlandyrmak maksady bilen, zähmet şertlerine baha bermek üçin kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek boýunça işleri geçirmek | 2019–2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 54 | Maýyp adamlaryň zähmet we iş üpjünçilik çygryndaky hukuklarynyň durmuşa geçirilmegine gözegçilik etmek we ýardam bermek | 2019–2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 55 | Durnukly ösüş maksatlarynyň Türkmenistan tarapyndan kabul edilen wezipelerini nazara almak bilen, durmuş-ykdysady ösüşiň görkezijiler ulgamyny kämilleşdirmek | 2025-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 56 | Milli hasaplar ulgamyny kämilleşdirmek we döwrebap ulgamy ornaşdyrmak, degişli makroykdysady görkezijileri hasaplamak | 2019-2021-nji ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 57 | Milli kanunçylykdaky üýtgeşmeler hem-de buhgalterçilik hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna geçilmegi bilen baglylykda maliýe statistikasynyň görkezijilerini kämilleşdirmek | 2019-njy ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |
| 58 | Sarp ediş harytlarynyň we hyzmatlaryň nyrhlarynyň gözegçiligi hem-de sarp ediş nyrhlarynyň indeksleriniň hasaplamasy boýunça usulyýet düzgünlerini kämilleşdirmek boýunça işleri geçirmek | 2022-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 59 | Senagat önümini öndürijileriň nyrhlarynyň indekslerini hasaplamak boýunça usulyýet gollanmasyny kämilleşdirmek | 2020-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 60 | Telekommunikasiýalar ýaýrawynda seçimleýin statistik gözegçiliginiň usulyny işläp düzmek | 2020-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 61 | Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri tarapyndan ilata edilen tölegli hyzmatlara baha bermegiň usulyny kämilleşdirmek | 2022-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 62 | Zähmet statistikasyny kämilleşdirmek, zähmet işiniň, iş bilen meşgullygyň, işçi güýjüni peýdalanmagyň statistikasy babatda halkara standartlaryny ornaşdyrmak | 2023-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi |
| 63 | Daşky gurşawyň statistikasynda öz-özüňe baha bermek | 2022-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi |
| 64 | Statistik klassifikatorlaryny kämilleşdirmek boýunça işleri alyp barmak (berilýän teklipler boýunça) | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 65 | Ýuridik şahslaryň we aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň, daşary ýurt kärhanalarynyň şahamçalarynyň hem-de wekillikleriň statistik bellige alnyş sanawyny kämilleşdirmek | 2019-njy ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 66 | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň web-saýtyny kämilleşdirmek boýunça işleri alyp barmak | 2019-njy ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi |
| 67 | Statistik habarlardan peýdalanyjylaryň isleglerini öwrenmek boýunça gözegçilik geçirmek | 2020-nji ýyl, 2025-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 68 | Statistik habarlaryň ýaýradylyşyny kämilleşdirmek babatda işleri dowam etmek | 2021-nji ýyl | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti |
| 69 | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň ygtyýarlyklaryna girýän iş ugurlaryny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň binýadyny kämilleşdirmek boýunça işleri yzygiderli alyp barmak | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 70 | Standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, akkreditirlemek we metrologiýa ugurlary boýunça işleýän hünärmenleri halkara standartlarynyň talaplary esasynda taýýarlamak, gaýtadan taýýarlamak hem-de olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak we kämilleşdirmek boýunça işleri yzygiderli alyp barmak | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 71 | Halkara we sebitara standartlaşdyrmak boýunça guramalary, daşary ýurtlaryň ygtyýarly edaralary bilen ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmek | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 72 | Daşary ýurtlaryň tejribesini öwrenmek maksady bilen, standartlaşdyrmak, sertifikatlaşdyrmak, şeýle hem metrologiýa ugurlary boýunça daşary ýurtlarda geçirilýän maslahatlara, ylmy konferensiýalara, sergilere we beýleki çärelere yzygiderli gatnaşmak | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy |
| 73 | Döwlet standartlaryny halkara standartlarynyň talaplaryna laýyk getirmek we utgaşdyrmak maksady bilen, häzirki zaman ylmynyň we tehnikasynyň gazananlaryna laýyklykda işläp düzmek we hereket edýän standartlary yzygiderli döwrebaplaşdyrmak | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 74 | Standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň halkara tejribesinde kabul edilen standartlaşdyrmak usullaryna we ýörelgelerine laýyklykda, elektron göterijilerde saklamagyň hem-de ýaýratmagyň binýatlyk gaznasyny döretmekde täze tehnologiýalary we innowasiýalary ornaşdyrmak | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 75 | Hil we ekologiýa ulgamyny dolandyrmak bilen baglanyşykly halkara standartlarynyň talaplary boýunça edara-kärhanalary sertifikatlaşdyrmak işini ýaýbaňlandyrmak | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi |
| 76 | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň garamagyndaky edaralaryň barlaghana binýadyny giňeltmek, synag enjamlaryny yzygiderli döwrebaplaşdyrmak boýunça işleri alyp barmak | 2019-2022-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy |
| 77 | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň garamagyndaky edara-kärhanalaryň metrologiki barlaghana enjamlaryny yzygiderli döwrebaplaşdyrmak | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 78 | Hojalykda (durmuş şertlerinde) ulanylýan gaz hasaplaýjylaryň deňeşdirme barlagyny geçirmek üçin enjamlar toplumyny satyn almak we işe girizmek | 2019-2020-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 79 | Hojalykda (durmuş şertlerinde) ulanylýan suw we elektrik energiýasyny hasaplaýjylaryň deňeşdirme barlagyny geçirmek üçin enjamlar toplumyny, şeýle hem dürli görnüşli çelekleri (rezerwuarlary) deňeşdirip barlamak üçin niýetlenen nusgalyk ölçeg serişdeleri bolan elektron taheometr ýa-da lazerli skaneri satyn almak we işe girizmek | 2019-2021-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 80 | Edara-kärhanalarda hereket edýän metrologiýa gulluklarynyň işini kämilleşdirmäge ýardam bermek | 2019-2025-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, häkimlikler |
| 81 | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynda we garamagyndaky edaralarda elektron resminama dolanyşyk ulgamyny ornaşdyrmak we işe girizmek | 2019-2021-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 82 | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň we garamagyndaky edaralarynyň maddy-tehniki üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça işleri yzygiderli alyp barmak | 2019-2023-nji ýyllar | «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 83 | Türkmenistanyň döwlet täjirçilik banklaryny paýdarlar jemgyýetine öwürmek boýunça degişli işleri geçirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 84 | Türkmenistanyň bank ulgamynda buhgalterçilik hasaba alnyşyny we maliýe hasabatlylygyny, maliýe hasabatlarynyň halkara standartlaryna laýyklykda taýýarlanylýan hasabatlylygy kämilleşdirmek boýunça işleri utgaşdyrmak we dünýä tejribesini öwrenmek bilen, bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek. «Auditorçylyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň karz edaralarynda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň dogry ýöredilişini we ýyllyk maliýe hasabatlarynyň düzülişine abraýly halkara audit guramalary tarapyndan garaşsyz hökmany audit geçirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 85 | Ýyllyk pul-karz syýasatynyň ugurlaryny işläp düzmäge we oňa seljerme geçirmäge gatnaşmak | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary |
| 86 | Alnyp barylýan pul-karz we maliýe syýasatynyň çäklerinde ulanylýan usullaryň milli pulumyzyň hümmetiniň durnukly saklanmagyny we onuň ýurduň ykdysady ösüşine ýetirýän täsirine baha bermegini gazanmak. Ýurduň ykdysadyýetini ýeterlik derejede pul serişdeleri bilen üpjün etmek we onuň esasynda pul toplumyny kadalaşdyrmak we gözegçilikde saklamak | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 87 | Halkara maliýe guramalary, şol sanda Halkara pul Gaznasy (HPG), Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş banky (ÝTÖB), Yslam ösüş banky (YÖB), Aziýanyň Ösüş banky (AÖB) hem-de beýleki daşary ýurt banklary we maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlygy dowam etmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky |
| 88 | Karz edaralarynyň serişdeler binýadyny artdyrmak, goýumlaryň görnüşlerini giňeltmek hem-de goýumlara serişdeleri çekmek boýunça degişli işleri geçirmegi dowam etmek we çekilen serişdeleriň hasabyna berilýän karzlaryň gerimini giňeltmek. | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 89 | Bank kartlarynyň, bankomatlaryň, töleg we maglumat-amal terminallarynyň sanyny artdyrmak we geçirilýän amallaryň görnüşlerini artdyrmak. Tölegleriň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen gorag üpjünçiligini kämilleşdirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary, Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 90 | Töleg ulgamynyň bökdençsiz we ýokary tehnologik derejede işlemegini üpjün etmekde karz edaralarynyň hasaplaşyklar-töleg ulgamlaryny kämilleşdirmäge gönükdirilen çäreleri (programma üpjünçiligini yzygiderli kämilleşdirmek, alşylýan habarlaryň görnüşlerini köpeltmek we beýlekiler) dowam etdirmek. Häzirki zaman bank hyzmatlaryny hödürlemek maksady bilen döwrebap tehnologiýaly serwerler bilen üpjün etmek we bu ugurda maýa goýumlary goýmak. | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary, Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi |
| 91 | Türkmenistanyň bank ulgamynda öňdebaryjy maliýe tehnologilaryny ornaşdyrmak (FinTech), kiber howpsuzlyk üpjünçiligini amala aşyrmak, şeýle hem hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen maliýe serişdelerini göz öňünde tutmak we bu ugurda maýa goýumlary goýmak. | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary. |
| 92 | Dünýä tejribesinde wirtual pul dolanyşygyny («Blockchain» tehnologiýasyny) öwrenmek bilen bu babatda degişli teklipleri taýýnlamak. | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary. |
| 93 | Türkmenistanda kartly töleg ulgamyna gatnaşyjylaryň aragatnaşygyny düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmegi dowam etmek. Karz edaralarynyň halkara töleg ulgamlarynyň (VISA, MasterCard we beýlekiler) agzalygyna girmegi boýunça işleri geçirmek | 2019–2023-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary, Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentligi |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 94 | Bank ulgamynyň karz işjeňligini artdyrmak ugrunda çekilen serişdeleriň çeşmeleriniň görnüşlerini artdyrmak arkaly bankyň serişdeleriniň uzak möhletli, durnukly binýadyny döretmek bilen, karz işjeňligini artdyrmakda degişli çäreleri geçirmek. Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan ýurduň ykdysadyýetiniň ileri tutulyp ösdürilýän pudaklaryny karz serişdeleri bilen üpjün etmek. Ýurdumyzyň kiçi we orta telekeçiligini ösdürmek maksady bilen, hususy haryt öndürijilere karz serişdelerini bermek. Raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen gozgalmaýan emläk üçin karzlaryny we karzlaryň beýleki görnüşlerini mundan beýläk hem ösdürmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 95 | Bank ulgamynyň hukuk binýadyny kämilleşdirmek, bank işini kadalaşdyrmak we gözegçilik etmek boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmegi dowam etdirmek. Jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereketleriň usullaryny kämilleşdirmegi dowam etmek. Türkmenistanyň bank ulgamyny düzgünleşdirýän kanunlardan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlamak | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 96 | Bank gözegçiligi boýunça Bazel komitetiniň ýörelgelerinden ugur alyp, karz edaralary üçin Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen hökmany ykdysady kadalaşdyryjylary kämilleşdirmek | 2019–2021-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 97 | Müşderileriň bank ulgamyna bolan ynamyny artdyrmak üçin bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak we hilini gowulandyrmak. Karz edaralarynyň ukyplylyk derejesini üpjün etmek we ony gözegçilikde saklamak. Mahabatlandyrma işlerini dowam etmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 98 | Türkmenistanyň karz edaralaryna tejribeli işgärleri işe almak, bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda hünär derejelerini ýokarlandyrmak boýunça degişli okuwlary guramak hem-de daşary ýurt maliýe guramalary tarapyndan geçirilýän ykdysady okuw maslahatlaryna, şeýle hem magistrlik okuwlaryna bankyň hünärmenleriniň gatnaşmagyny üpjün etmek (Birleşen Wena Instituty (JVI), HPG, AÖB, Şweýsar Milli banky, YÖB, ÝTÖB). Halkara maliýe guramalarynyň hünärmenlerini okuw geçirmek maksady bilen çagyrmak | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 99 | Döwlet Maksatnamalarynyň durmuşa geçirmek bilen bagly amala aşyrylýan maýa goýum taslamalaryny goldamak maksady bilen, uzak we orta möhlete çekilen serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmek we bu taslamalary maliýeleşdirmek babatynda daşary ýurt maliýe guramalaryny çekmek üçin degişli işleri geçirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 100 | Döwlet Maksatnamalarynyň durmuşa geçirmek bilen bagly amala aşyrylýan maýa goýum taslamalaryny goldamak maksady bilen, uzak we orta möhlete çekilen serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirmek we bu işlere daşary ýurt maliýe guramalaryny çekmek boýunça degişli işleri geçirmek | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 101 | Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan köpugurly syýasatyna laýyklykda Türkmenistanyň bank ulgamynyň we olara degişli edara-kärhanalarynyň, hojalyk birlikleriniň, medeni we sport toparlarynyň maddy-tehniki binýadyny zerurlyga görä, talabalaýyk, yzygiderli berkitmek maksady bilen, maddy- tehniki enjamlary, aýratyn häsiýetli tehnikalary, inkassasiýa awtoulaglary, awtobuslary, ýeňil awtoulaglary bilen (suw daşaýan awtoulag, traktorlar, ýük awtoulaglary, arassaçylyk-tämizleýiş we ot orujy ýöriteleşdirilen tehniki enjamlar we kiçi awtoulaglar) üpjün etmek üçin hem-de ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek babatynda geçirilýän çäreler boýunça maliýe serişdelerini göz öňünde tutmak we degişli işleri geçirmek . | 2020-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 102 | Türkmenistanyň Merkezi bankyna degişli bolan Gökderedäki Çagalar dynç alyş toplumynda aýratyn amatly şertleri döretmek we Türkmenistanyň gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilýän okuwlaryň derejesini kämilleşdirmek maksady bilen, goşmaça desgalary, binalary gurmak üçin maliýe serişdelerini gönükdirmek | 2020-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 103 | Türkmenistanyň Ahal welaýatynda täze guruljak welaýat merkeziniň çäklerinde banklaryň şahamçalaryny gurmak. Bu welaýatyň Gökdepe etrabynda «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň şahamçasyny, Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherinde sanly tehnologiýa esaslanýan bank şahamçasyny gurmak. | 2020-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 104 | Aşgabat şäherindäki bank ulgamyna degişli bolan ýaşaýyş jaýlarynyň maddy-tehniki enjamlarynyň, sport we çagalar meýdançalarynyň, jaýlara hyzmat ediji desgalaryň we enjamlaryň zerurlyga laýyklykda yzygiderli abatlaýyş hem-de täzelemek işlerini geçirmek üçin maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek. | 2020-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 105 | Türkmenistanyň welaýatlarynda işleýän bank ulgamynyň işgärleri üçin ýaşaýyş jaýlaryny gurmak, şeýle hem bar bolan ýaşaýyş jaýlarynda abatlaýyş işlerini geçirmek. | 2020-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 106 | Pensiýalary we kömek pullaryny bank kartlarynyň üsti bilen bermek işlerini yzygiderli dowam etmek. | 2020-2025-nji ýyllar | Karz edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
| --- | --- | --- | --- |
| 107 | Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» döwlet täjirçilik bankynyň we «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň edara binasyny gurmak. | 2019-2020-nji ýyllar | Degişli karz edaralary |
| 108 | Türkmenistanyň «Türkmenistan» öwlet täjirçilik bankynyň edara binasyny gurmak. | 2023-2025-nji ýyllar | Degişli karz edaralary |
| 109 | Halkara hukuk hyzmatlaryndan zerur halatynda peýdalanmak we onuň bilen bagly çykdajylary maliýeleşdirmek. | 2020-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 110 | Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebinde ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmek bilen baglylykda Maglumat tehnologiýalary, ykdysady-kibernetika ugry boýunça täze hünärleri açmak. | 2020-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Bilim ministrligi |
| 111 | Girew we ipoteka hem-de töleg ulgamlary hakynda Türkmenistanyň Kanunlarynyň taslamalaryny taýýarlamaklyga gatnaşmak. | 2019-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky |

5. Sargyt № 375

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 112 | Türkmenistanda hasaplaşyk-töleg ulgamynda döwrebap tehnologiýalary müşderilere hödürlemek maksady bilen, bölek satuw we hyzmat ulgamlarynda QR-code (dessin tassyklanylýan kod) arkaly hasaplaşyklary ornaşdyrmaklyga maliýe serişdelerini göz öňünde tutmak we bu ugra maýa goýumlary goýmak | 2019–2023-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 113 | Müşderilere internet ulgamynyň üsti bilen menzilara bank hyzmatlaryny hödürlemek | 2019–2021-nji ýyllar | Türkmenistanyň karz edaralary |
| 114 | Halkara töleg ulgamlarynyň (VISA, MasterCard we beýlekiler) hereket edýän kadalaryna (talaplaryna) laýyklykda bu ugurlar boýunça hem-de zerurlyga görä maglumat ulgamlarynyň halkara auditlerini geçirmek. | 2021–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň karz edaralary |
| 115 | Banklarda ulanylýan awtomatizirlenen maglumat ulgamlarynyň we serwer enjamlarynyň tehniki goldawyny alyp barmak boýunça üpjün ediji kompaniýalar bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmak we maliýeleşdirmek. | 2020-2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 116 | Banklarda ulanylýan awtomatizirlenen maglumat ulgamlarynyň ätiýaçlyk merkezlerini döretmek we zerur halatynda olaryň işjeňligini üpjün etmek | 2020–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 117 | Döwrebap programma üpjünçilikleri, serwer we kompýuter enjamlary bilen üpjünçiligi yzygiderli kämilleşdirmek hem-de maýa goýumlaryny göz öňünde tutmak | 2020–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 118 | Maglumat tehnologiýalary, sanly ykdysadyýet, maglumat howpsuzlygy meseleleri boýunça daşary ýurtly bilermenleriň maslahatlaryndan peýdalanmak, şeýle hem bank ulgamynyň bu ugurdaky hünärmenleriniň bilim derejelerini ýokarlandyrmak maksady bilen tejribe alyşmak boýunça iş saparlaryna ibermek | 2020–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 119 | Bank kart ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen, kontaktsyz tehnologiýa bilen işleýän bank kartlaryny we enjamlaryny ulanyşa goýbermek | 2019–2021-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 120 | Maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, maglumat ulgamlaryna abanýan kiberhowplara garşy durmak boýunça zerur bolan enjamlary we programma üpjünçiliklerini satyn almak we ornaşdyrmak, şeýle hem bu ugurdan hünärmenleri taýýarlamak maksady bilen degişli okuwlary gurnamak we gatnaşdyrmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 121 | Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň kartly töleg ulgamynyň programma üpjünçiligini we serwer enjamlaryny kämilleşdirmek, bu ugur boýunça maýa goýumyny göz öňünde tutmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Döwlet daşary iş ykdysady banky |
| 122 | Banklarda elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek üçin zerur bolan tehniki we programma üpjünçiliklerini satyn almak we ornaşdyrmak | 2020–2022-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 123 | Türkmenistanyň ministrliklerinde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda ornaşdyrylýan maglumat ulgamlaryna banklar bilen bagly meseleleri boýunça utgaşykly işleri ýola goýmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 124 | «Altyn asyr» kartly töleg ulgamynyň prosessing merkezini paýdarlar jemgyýetine öwürmek. | 2019–2022-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 125 | Bank ulgamynyň aýry-aýry ugurlary boýunça ýokary hünärli işgärlere ýokarlandyrylan zähmet haklaryny tölemek boýunça hukuknamalary işläp düzmek | 2020–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |

| T/b | Çäreleriň ady | Ýerine ýetirilmeli möhleti | Ýerine ýetirijiler |
|---|---|---|---|
| 126 | 2020-nji ýylda Ýaponiýanyň Tokio şäherinde geçiriljek XXXII Tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşjak Türkmenistanyň milli ýygyndy toparyny ýokary depginde taýýarlamak maksady bilen, hemaýatkärlik kömegini bermek boýunça işleri geçirmek | 2019–2020-nji ýyllar | Türkmenistanyň Merkezi banky, karz edaralary |
| 127 | Ýurdumyzda maýa goýum işjeňligini artdyrmak maksady bilen, kiçi we orta telekeçiler tarapyndan amala aşyrylýan taslamalary maliýeleşdirmegi we olaryň maýasyna gatnaşmak usullary arkaly hususy telekeçilgi goldamagy ýola goýmak. Bu ugurda halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlykda ýörite maliýeleşdiriş serişdeleri çekmek bilen bagly işleri alyp barmak | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň karz edaralary |
| 128 | Göni maýa goýum işjeňligini ösdürmek maksady bilen, paýly gatnaşyk şertlerinde ýerli we daşary ýurt maýa goýujylaryň gatnaşmagynda göni maýa goýum edarasyny döretmek | 2019–2025-nji ýyllar | Türkmenistanyň degişli karz edaralary |
| 129 | Welaýatlarda ýolagçylary gatnadýan jemgyýetçilik awtobuslarynda ýol töleglerini nagt däl görnüşinde kabul etmegi ýola goýmak maksady bilen, ýörite niýetlenilen enjamlary satyn almak we gurnamak | 2019–2022-nji ýyllar | Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentligi, Türkmenistanyň «Senagat» PTB |

# MAZMUNY


Giriş ..... 7
Ykdysady ulgam ..... 7
Maliýe we býujet-salgyt ulgamy ..... 11
Döwlet ätiýaçlandyryş ulgamy ..... 14
Zähmeti we ilaty durmuş taýdan goramak ulgamy ..... 16
Döwlet statistika ulgamy ..... 18
Döwlet standartlaşdyryş ulgamy ..... 20
Bank ulgamy ..... 24
Ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynda sanly intellektual tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi ..... 28
Maksatnamanyň maliýe taýdan üpjünçiligi ..... 35
Garaşylýan netijeler ..... 36
«Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny» amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy ..... 37

Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin
MAKSATNAMASY

Redaktor *G. Joraýewa*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Kompýuter bezegi *T. Öwezgeldiýewa*

TDKP № 109, 2019

Çap etmäge rugsat edildi 04.02.2019.
Ölçegi 60x84 1/8. Şertli çap listi 8,37. Şertli-reňkli ottiski 27,11.
Hasap-neşir listi 3,91. Çap listi 9,0. Sargyt № 375. Sany 1000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.